# MIWELI BAGLARY ÖSDÜRIP ÝETIŞDIRMEK BOÝUNÇA GOLLANMA



TÜRKMENISTANYŇ OBA HOJALYK
WE DAŞKY GURŞAWY GORAMAK MINISTRLIGI

S.A.NYÝAZOW ADYNDAKY
TÜRKMEN OBA HOJALYK UNIWERSITETI

TÜRKMEN OBA HOJALYK INSTITUTY

OBA HOJALYK YLMY-ÖNÜMÇILIK MERKEZI

# MIWELI BAGLARY ÖSDÜRIP ÝETIŞDIRMEK BOÝUNÇA

# GOLLANMA

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2021

UOK
M

**M** **Miweli baglary ösdürip ýetişdirmek boýunça gollanma.**
– A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2021.

Gollanmada Türkmen oba hojalyk institutynyň Oba hojalyk ylmy-önümçilik merkezinde geçirilen ylmy-barlaglaryň we öňdebaryjy önümçilik tejribeleriň netijeleri esasynda ýurdumyzyň toprak-howa şertlerinde miweli baglar ösdürilip ýetişdirilende geçirilmeli agrotehniki çäreleriň kadalary we möhletleri, şeýle hem olaryň esasy zyýanberijileri, keselleri hem-de olara garşy göreş çärelerini geçirmek barada maslahatlar berilýär. Gollanmada, şeýle hem ýurdumyzda önümçilikde ulanylýan miweli baglaryň sortlarynyň häsiýetnamasy ýazylyp beýan edildi.

Gollanma oba hojalyk ulgamynda işleýän hünärmenler, hususy ýer eýeleri, kärendeçiler, ýokary we orta okuw mekdepleriniň mugallymlary we talyplary üçin niýetlenilendir.

TDKP № 2021 KBK

©Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy
goramak ministrligi,2021



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Hormatly Prezidentimiziň ýadawsyz aladasy bilen Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzyň oba hojalyk pudagyny ösdürmek we özgertmek, ýerden we suwdan netijeli peýdalanmak, suwarymly ýerleriň meliorатiw ýagdaýyny gowulandyrmak, oba hojalyk ekinleriniň we miweli baglaryň ýokary hilli bol hasyl berýän sortlaryny önümçilige giňden ornaşdyrmak hem-de olary ösdürip ýetişdirmegiň usullaryny, agrotehniki çärelerini ylmy esasda kämilleşdirmek arkaly durnukly azyk bolçulygyny üpjün etmek boýunça giň gerimli işler amala aşyrylýar.

Gahryman Prezidentimiziň kabul eden kararlary esasynda daýhanlara ekerançylyk ýerleriniň uzak möhletleýin ulanylmaga berilmegi, önüm öndürijileriň maliýe taýdan goldanylmagy, oba hojalyk tehnikalary, suw, tohum, himiki serişdeler bilen ýeterlik derejede üpjün edilmegi ekerançylyk, şol sanda miweçilik pudagynyň güýçli depginde ösdürilmegine mümkinçilik berýär.

Miweçilik girdejili pudaklaryň biri bolup, ýylyň dowamynda halkymyzy ter miweler we ir-iýmişler bilen bolelin üpjün edýär. Ýurdumyzyň toprak-howa şertleri miweli baglaryň dürli görnüşlerini ösdürip ýetişdirmek üçin amatlydyr. Güneşli ýurdumyzda öndürilýän miweler özüniň tagamlylygy, ekologiýa taýdan arassalygy we hiliniň ýokarydygy bilen tapawutlanýar.

Miweleriň düzüminde 75–90% suw, 15% beloklar, 5–23% şeker, 2–3% organiki kislotalar (limon, alma), ýaglar, ys beriji maddalar, dürli witaminler (A, $B_1$, $B_6$, $B_{12}$, C, P, PP) saklanyp, olar ilat üçin örän möhüm bolan iýmit önümleriniň hataryna girýär.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň ýerli toprak-howa şertlerine laýyk gelýän, bol hasylly we miwesiniň hili ýokary bolan köpsanly

baglaryň dürli sortlary ösdürilip ýetişdirilýär. Bu sortlaryň gymmatly hojalyk alamatlaryny, agroekologik aýratynlyklaryny, kesellere, zyýankeşlere durnuklylygyny, sowuga, gurakçylyga çydamlylygyny öwrenmek möhüm ylmy-önümçilik wezipe hasaplanylýar. Miweli baglary ösdürip ýetişdirmekde ylmy esasda işlenip düzülen agrotehniki çäreleriň öz wagtynda we bellenilen kadalara laýyklykda geçirilmegi özüniň ýokary netijelerini berýär.

Ýokarda agzalanlary nazara almak bilen, ýurdumyzyň toprak--howa şertlerinde ýaş miweli baglaryň düýbüni tutmak üçin ýerleriň saýlanylyp alnyşy, nahallary oturtmakdan başlap, hasyl ýygnalýan döwrüne çenli olary ösdürip ýetişdirmekde geçirilmeli agrotehniki çäreleriň kadalary, usullary we möhletleri barada ylmy maslahatlary bermek maksady bilen, şu ylmy-önümçilik gollanma taýýarlanyldy.

Bu gollanma taýýarlanylanda miweli baglaryň ýokary hasylly sortlaryny ösdürip ýetişdirmekde köp tejribe toplan hünärmenleriň, alymlaryň maslahatlaryndan, çykyşlaryndan, ylmy makalalaryndan peýdalanyldy.

Gollanmada, şeýle hem ýurdumyzda önümçilikde ulanylýan miweli baglaryň sortlarynyň häsiýetnamasy ýazylyp beýan edildi.

# ÇIGITLI MIWELI BAGLARYŇ SORTLARY

Çigitli miweli baglara – alma, armyt we beýi degişlidir. Olar miweli baglaryň arasynda miwesiniň ýokary hilliligi, ýokary hasyllylygy we tebigy şertlere uýgunlaşmaga ukyplylygy bilen tapawutlanýar. Bu çigitli miweli baglar görnüşleriniň we sortlarynyň köpdürlüligine baglylykda durnuklylygy, gurakçylyga çydamlylygy, biologik alamatlary bilen dürli tebigy şertlerde ösdürilip ýetişdirilýär.

Çigitli miweli baglaryň miweleri terligine iýmek, kişde taýýarlamak we gaýtadan işlemek üçin ulanylýar. Miweler gaýtadan işlenilip, süýjüli içgiler, mürepbeler we şireler taýýarlanylýar.

## Almanyň sortlarynyň häsiýetnamasy

**Gyzyl ýaňak.** Agajy orta boýly, gabarasy tegelek. Oturdylandan soňky 4-5-nji ýylynda miwe getirip başlaýar. Miweleri dykyz etli, her biri 40-50 gram, ownuk, togalak şekilli. Gabygynyň reňki goňrumtyl, ýaýraň, gyzgylt öwüşginli. Miwesiniň gabygynyň aşak tarapy nokat şekilli tegmilli, eti goňrumtyl reňkli bolup, turşumtyk-süýji tagamlydyr (*1-nji surat*).



*1-nji surat. Almanyň Gyzyl ýaňak sorty*

Miweleri iýunyň birinji ongünlüginde bişip ýetişýär. Yzygiderli hasyl berýär, 7 ýaşynda

40-50 kilogram miwe getirýär. Miweleri iki hepdäniň dowamynda üýtgemän saklanýar, uzak aralyga äkitmäge ýaramlylygy kanagatlanarly.

**Sowgat.** Agajynyň ösüş güýji ortaça, oturdylandan soňky 4-5-nji ýylynda miwe getirip başlaýar we her ýyl hasyl berýär. Miweleri orta ululykda (65-70 gram), gabygy ýaşylymtyl-goňur, gapdaly gyzyl reňkde bolýar. Miwesiniň eti ak reňkli, suwly, turşumtyk-süýji tagamly.

Miweleri ir, ýagny iýunyň ikinji ongünlüginde ýetişýär. Agaç 7-8 ýaşynda 50-55 kilogram miwe getirýär. Miweleri ýyglandan soňra iki hepdäniň dowamynda üýtgemän saklanýar (*2-nji surat*).

Miweleriniň uzak aralyga äkitmäge ýaramlylygy kanagatlanarly.



*2-nji surat. Almanyň Sowgat sorty*

**Altynsow ajaýyp.** Agajy orta boýly, sütüni berk, gabarasy tegelek. Oturdylandan soňky 4-5-nji ýylynda miwe getirip başlaýar. Miweleri orta möçberde 100-110 gram, göze ýakymly, sary reňkli, gabygynyň gyzgylt çyzyklary bar. Miwesiniň eti dykyz, suwly, turşumtyk-süýji tagamly (*3-nji surat*).



*3-nji surat. Almanyň Altynsow ajaýyp sorty*

Miweleri iýul aýynyň ortasynda ýetişýär. Yzygiderli gowy hasyl berýär, 7-8 ýaşly agaçlar 40-50 kilogram miwe getirýär. Miweleri ýyglandan soňra 30 günden köpräk wagtyň dowamynda hilini üýtgetmän saklaýar. Miweleri uzak aralyga äkitmäge ýaramly bolýar.

**Nowaýy.** Agajy orta boýly, şahalary selçeň ýerleşen, gabarasynyň depesi tekiz bolýar. Oturdylandan soň 5-nji ýylynda miwe getirip başlaýar.



*4-nji surat. Almanyň Nowaýy sorty*

Miweleri iri (200-230 gram), aşak tarapy süýnmegräkden togalak, depesi az-kem dilim-dilim. Gabygy ýaşylymtyl-ak reňkli, gyzgylt öwüşgini ýok. Miwesiniň eti çala ak reňkli, ortaça dykyzlykda, gaty suwly bolýar. Çala hoşboý ysly, turşumtyk-süýji tagamly (*4-nji surat*).

Miweleri iýulyň ikinji ýarymynda bişip ýetişýär. Yzygiderli gowy hasyl berýär, 8 ýaşan her agaç 35-40 kilogram miwe getirýär. Miweleri ýyglandan soňra 20 günden köpräk wagtlap durkuny üýtgetmän saklaýar. Miweleriniň uzak aralyga äkitmäge ýaramlylygy gowy.

**Altyn guýma.** Agajy orta boýly, sütüni berk, gabarasynyň depesi gür ýaprakly. Oturdylandan soňky 4-5-nji ýylynda miwe getirip ugraýar (*5-nji surat*).



*5-nji surat. Almanyň Altyn guýma sorty*

Miweleri orta ululykda (100-130 gram), togalak, sary reňkli. Miwesiniň eti dykyz, owunjak digir-digir bolup dur, suwly, turşumtyl--süýji tagamy bar.

Iýul aýynyň ahyrynda, awgustyň başynda hasyly ýetişýär. Her 7-8 ýaşan agaç 35-50 kilogram hasyl berýär. Miweleri bir aýa çenli saklap bolýar. Miweleri uzak aralyga äkitmäge ýaramly hasaplanylýar.

**Sary gabyk.** Agajy gaty ösgün, gabarasynyň depesi giň konus şekilli we örän gelşikli. Miweleri orta ululykda 150-180 gram bolup, aşak tarapy çala süýnmegräk togalak şekilli bolýar. Gabygy ýaşylymtyl-sary reňkli, gyzgylt-sary öwüşginli. Gabygynyň ähli ýerinde garaja nokatlary bar. Miwesiniň eti näzik, suwly, süýji, çala bildirýän turşy tagamly. Oturdylandan soňky 5-6-njy ýylynda hasyl berip başlaýar (*6-njy surat*).



*6-njy surat. Almanyň Sary gabyk sorty*

Bu sortuň agajy gür şahalanýar, pyntyklary gowy açylýar. Birýyllyk şahalarynyň üçden bir bölegini kesip aýyrmak we gabarasynyň depesiniň şahalaryny seýrekletmek maslahat berilýär.

Hasyly awgust aýynyň birinji ýarymynda ýetişýär we agajynda dökülmän durýar. Hasyllylygy gowy, 8 ýaşan agaç 50-60 kilogram hasyl berýär. Miwelerini ýyglandan soň iki aýlap saklap bolýar, uzak aralyga äkitmäge ýaramly hasaplanylýar. Bu sort mör-möjeklere we kesellere durnukly.

**Gyzyl meňiz.** Agajy orta boýly, sütüni sagdyn, göni, gabarasy piramida şekilli, şahalary we ýapraklary gür ýerleşen.

Almanyň dusen görnüşine sapylsa, oturdylandan soňky 4-5-nji ýylynda, paradizka görnüşine sapylsa, 2-nji ýylynda miwe getirip başlaýar.

Miweleri orta ululykda (120-130 gram), süýnmegräkden togalak şekilli. Gabygy berk, gün düşýän tarapy ullakan gyzgylt tegmillidir (*7-nji surat*).



*7-nji surat. Almanyň Gyzyl meňiz sorty*

Agaçlary köp mukdarda halkaly miwe baldagyny emele getirip, wagtyndan öň garraýar, şoňa görä-de her ýyl ösen şahalarynyň ujuny gaty gysgaltmak, şeýle hem, miwe getirýän köne şahalaryny seýrekletmek maslahat berilýär.

Miweleri awgust aýynyň birinji ýarymynda ýetişýär. Hasyllylygy ýokary, 25 ýaşynda hasyly 200-300 kilograma ýetýär. Miweleri ýyglandan soň 18-20 günüň dowamynda saklanýar we uzak aralyga ibermäge ýaramly bolýar. Miwelerini alma gurçugy gaty zaýalaýar.

**Ak altyn.** Agaçlarynyň boýy ösgün, piramida şekilli, gabarasy seýrek şahaly bolýar.

Agaçlary 7-8 ýaşynda miwe getirýär, almanyň paradizka IX podwoýyna sapylanda bolsa, 3-4 ýaşynda hasyl berip başlaýar.

Miweleri birmeňzeş ululykda (120-140 gram), süýrgült şekilli, miwesiniň depesi süýnmek bolýar. Miwäniň gabygy sargylt reňkli, gün düşýän tarapynyň käte gyzaranlary hem bolýar, eti ak reňkli, näzik, suwly, özüne mahsus hoşboý ysly, turşumtyl-süýji tagamly bolýar (*8-nji surat*).



*8-nji surat. Almanyň Ak altyn sorty*

Bu sort miwe getirýän şahalarynyň, pudaklarynyň köp dürlüligi, pyntyklarynyň we çybyklarynyň köp mukdarda emele gelmegi bilen tapawutlanýar.

Bu sortuň birýyllyk şahalarynyň uzynlygynyň üçden bir bölegini kesip aýyrmak maslahat berilýär. Şahalarynyň ujy kesilmese, agajynyň gabarasy örän uly bolýar, bu bolsa hasyly ýygmakda kynçylyk döredýär.

Miweleri sentýabr aýynyň ortasynda ýetişýär, olaryň tagamy oktýabryň aýagynda has hem gowulanýar. Hasyllylygy gaty ýokary, her 25 ýaşan agaç 300-350 kilogram miwe berýär. Miweleri ýolnandan soň 4-5 aýlap üýtgemän öz durkuny saklaýar. Miweleriniň uzak aralyga ibermäge ýaramlylygy gowy.

**Şapak.** Agajynyň ösüş güýji ortaça, gabarasy ýaýraň, giň piramida şekilli depesi bolýar. Oturdylandan soňky 4-5-nji ýylynda, almanyň paradizka IX podwoýyna sapylanda, 2-nji ýylynda miwe berip başlaýar. Miweleri orta ululykda (100-130 gram), togalak şekilli bolýar. Gabygy sargylt-ýaşyl reňkli, gün düşýän tarapy goýy gyzyl öwüşginli. Miwesiniň eti ak reňkli, suwly, süýji, hoşboý ysly.

Agaçlary ýönekeý halkaly baldagynda miwe getirýär. Pyntyklarynyň açylyşy talabalaýyk. Şahalarynyň ujuny köp kesmän, birýylyk baldagynyň üçden bir bölegini kesmek maslahat berilýär.

Miweleri sentýabr aýynyň ortasynda ýetişýär, ýyglandan soň 3-4 aýlap saklap bolýar. Miweleri ýere dökülmän, agaçda berk durýar. Hasyllylygy gowy, 25 ýaşan agaç 180-200 kilogram miwe getirýär (*9-njy surat*).

Uzak aralyga äkitmäge ýaramlylygy gowy.



*9-njy surat. Almanyň Şapak sorty*

**Altyn çigit.** Agajy ösgün, ýapraklary gür, gabarasynyň depesi tegelek, şahalary ýaýraň. Oturdylandan soňky 4-5-nji ýylynda hasyl berip başlaýar. Miweleriniň daşy sary, gabygynyň üsti goňur nokatly,



*10-njy surat. Almanyň Altyn çigit sorty*

orta ululykda (120-140 gram), togalak şekilli. Onuň eti sary, hoşboý ysly, dykyz, suwly, süýji. Çala bildirýän ýakymly turşulygy bar (*10-njy surat*).

Bu sortuň agajy köp şaha emele getiryär, pyntyklarynyň açylyş derejesi ýokary. Birýyllyk şahalarynyň üçden bir bölegini kesmek we agajyň depesini yzygiderli seýrekletmek maslahat berilýär. Ösmegini togtadan agaçlaryň 5-6 ýyllyk şahalarynyň ujuny kesip aýyrmaly. Gysga boýly ýabany ösümlige sapmak üçin gowy sort hasaplanýar. Kesellere we mör-möjeklere garşy durnuklylygy ýokary.

Miweleri oktýabr aýynyň başynda ýygylýar, noýabrdan marta çenli üýtgemän saklanýar. Hasyllylygy ýokary, 25 ýaşan agaç 150-200 kilogram hasyl berip bilýär. Miweleri ýere dökülmeýär. Uzak aralyga ibermäge ýaramlylygy gowy.

**Çüliniň gök almasy.** Agajynyň ösüş güýji ortaça derejede, gabarasynyň depesi tegelek, şahalary ýaýraň, ýapraklary gür ýerleşen. Ir hasyl getirip başlaýar. Miweleri ortaça ululykda we iri (150-200 gram) bolýar. Olaryň şekili süýnmegräk togalak, gabygy sarymtyl-ýaşyl reňkli bolýar. Almasynyň eti ak reňkli, örän suwly, turşumtyl-süýji tagamly. Bu sortuň miwesiniň tagamy Ýewropa sortlarynyň iň gowy miweleriniň tagamyndan pes bolmaýar.

Agaç ýönekeý halkaly baldaklarynda, ýaş şahalarynda, pudaklarynda miwe getirýär. Pyntyklarynyň açylyşy gowy, agajynda köp çybyk emele gelýär. Timarlananda şahany köp kesmän, birýyllyk şahalarynyň dörtden bir we üçden iki bölegini kesmek maslahat berilýär.

Miweleri sentýabr aýynyň aýagynda, oktýabr aýynyň başynda ýygylýar.

Hasyllylygy örän ýokary, 7 ýaşan agaç 60-70 kilogram, 25 ýaşan agaç bolsa 250-300 kilogram miwe berýär. Miweleri ýere dökülmeýär

(*11-nji surat*), ýyglandan soňra maý aýyna çenli öz tagamyny, hil-sypatyny ýitirmän saklaýar. Onuň uzak aralyga ibermäge ýaramlylygy gowy.



*11-nji surat. Çüliniň gök alma sorty*

**Gyzyl gabyk.** Agajy haýal ösýän, palmetta görnüşi timar bermäge ýaramly, ykjam şahalar toplumy (gabarasy), gür ýerleşen we ýogyn şahalary bolýar. Ýönekeý, çylşyrymly halkaly baldaklarynda, ýogyn we gysga şahajyklarynda miwe ösüp ýetişýär, oturdylandan soň 3-4-nji ýylynda miwe getirýär (*12-nji surat*).

Goýy gyzyl reňkli, daşy nätekiz, süýrümtil, agramy 180-190 gramlyk iri miweleri bolýar. Miwesi gabygynyň aşagy tutuş owunjak nokatly bolýar. Miwesi özboluşly ysly, turşumtyl-süýji, süýji tagamly, sarymtyl-ak reňkli etli bolýar.



*12-nji surat. Almanyň Gyzyl gabyk sorty*

Miweleri awgust aýynyň ahyrynda bişip ýetişýär. Hasyllylygy ortaça, her 7-8 ýaşan agaç 65-70 kilogram miwe berýär. Miweleri ýyglandan soňra, 1-2 aýlap özüniň tagamyny, hil-sypatyny ýitirmän saklaýar. Miweleriniň uzak aralyga ibermäge ýaramlylygy gowy.

**Hasylly.** Agajynyň ululygy orta derejede, gabarasynyň depesiniň şahalary ýaýraň, tegelenip durýar. Ýylda iki hasyl berýär. Ýazyna ir alabaharda gülleýär. Oturdylanyndan soňky 4-5-nji ýylynda miwe getirip başlaýar. Orta ululykdaky we iri (160-200 gram) miweleri sargylt reňkli, gapdaly gyzgylt öwüşginlidir. Miwesiniň eti ak reňkli, orta dykyzlykda, turşumtyk-süýji tagamly bolýar. Bu sort hasylly çybyklary köp emele getirýär, pyntyklary gowy açylýar. Çybyklary kesilende birýyllyk baldaklarynyň üçden bir bölegini kesip aýyrmak we ýaş döwründe gabarasyny seýrekletmek maslahat berilýär.

Miweleri iýun aýynyň ahyrynda ýetişýär. Ýokary hasylly 7-8 ýaşyndaky agaç 60-70 kilogram alma getirýär. Saklanyjylygy 30 güne çekýär. Miweleriniň uzak aralyga ibermäge ýaramlylygy gowy.

**Ak guýma.** Agajy orta ululykda, gabarasy seýrek şahalardan ybarat bolup, giň piramida şekillidir (*13-nji surat*).



*13-nji surat. Almanyň Ak guýma sorty*

Miweleri ortaça ululykda, ýaş agaçlarda bolsa iri (150 grama çenlidir). Oturdylandan soňky 3-4-nji ýylynda miwe getirip başlaýar. Miwesi togalagrak, süýnmek şekilli. Miwesiniň üsti küljümek, ak-sowult-sargylt reňkli. Miwesiniň eti ak reňkli, ýumşak, turşumtyk-süýji, ýakymly tagamly. Miweleri aşa bişeninde, eti has ýumşak we unjumak görnüşe geçýär.

Hasyly köplenç, halkaly miwe baldaklarynda emele gelýär. Agaçdaky pyntyklarynyň açylyşy ortaça, çybyk emele getiriş ykyby gowşak. Birýyllyk çybyklarynyň üçden bir we üçden iki bölegini kesmek, halkaly miwe baldaklaryny yzygiderli seýreklendirip we ýaşardyp durmak maslahat berilýär.

Miweleri iýun aýynyň ahyrynda, iýul aýynyň başynda ýetişýär. Zaýalanman saklanyjylygy bir-iki hepdeden köp däl. Hasyllylygy gowy, 7 ýaşan agaçlardan 40-50 kilogram miwe alynýar. Agaç 25 ýaşanda hasyllylygy 250 kilograma çenli ýetýär. Miweleri uzak aralyga äkitmäge ýaramsyz.

**Gök alma.** Agajy sagdyn we ösgün, tegelenip duran ýaýraň şahalary, gür gabarasy bolýar. Oturdylandan soňky 4-5-nji ýylynda miwe getirip ugraýar. Miweleri iri we orta ululykda (120-160 gram), göze ýakymly, togalak bolýar.

Miweleri ýaşylymtyl-ak, göze ýakymly gyrmyzy zolaklary bar. Miwesiniň eti melemtil-ak, dykyzlygy ortaça, hoşboý ysly, ýakymly turşumtyk-süýji tagamlydyr (*14-nji surat*).

Agajyň 2-3 ýaşly şahalary miwe getirýär, pyntyklary gowy açylýar, çybyklary köp emele gelýär. Birýyllyk çybyklarynyň dörtden bir we üçden bir bölegini kesip aýyrmak, ýagny aşa köp kesmezlik maslahat berilýär.

Miweleri iýul aýynyň ikinji ongünlüginde ýygylýar. Hasyllylygy yzygiderli we ýokary, 8 ýaşly agaçlar 50-60 kilogram miwe berýär. Miweleri 30 gün-



*14-nji surat. Almanyň Gök alma sorty*



*15-nji surat. Almanyň Menekli gyzyl sorty*

läp üýtgemän durýar. Miweleriniň uzak aralyga ibermäge ýaramlylygy gowy.

**Menekli gyzyl**. Ýokarlygyna tarap güýçli ösüşi bilen tapawutlanýan gür şahaly, ýaýraň gabarasy bolan agaçdyr. Ýaş bag 4-nji ýaşynda miwe getirýär. Aprel aýynyň 15-20-si aralygynda gülleýär.

Garyşyk görnüşli miwe getirijilerden hasyl berýär. Miweleriniň agramy 80-120 gram. Ýasy togalak şekilli, ýaşylymtyl-sary, miwe gabygy solak gyzyl reňkli bolýar (*15-nji surat*). Ýakymly ysly, ýumşak, süýji tagamly, agymtyl-ýaşyl reňkli miwe.

Miweleri ýere dökülýär, 5-15-nji iýulda hasyly ýygylýar. Ortaça hasyllylygy 80,7 *s/ga,* ýokary derejede ideg edilende 129,4 *s/ga* çenli miwe berýär. Ýygylandan soň bir aý saklanýar. Uzak aralyga äkitmek üçin ýaramlylygy pes hasaplanýar.

**Irki gyrmyzy.** Agajy orta boýly, sagdyn, tegelenip duran ýaýraň şahalary, gür gabarasy bolýar. 4-5-nji ýylynda miwe getirip ugraýar.

Miweleri orta ululykda (100 gram), ýaşylymtyl-ak, göze ýakymly bolýar. Miweleriniň gabygy galyň, açyk gyrmyzy reňkde, etlek bölegi suwly we orta süýjümtil turşy tagamly bolýar.

Miwesi iýunda bişýär we her düýpden 250-300 kilogram hasyly ýygylýar. Miweleri 15-20 günläp üýtgemän durýar. Daş ýerlere äkitmek üçin ýaramsyz hasaplanylýar.

## Armydyň sortlarynyň häsiýetnamasy

**Gyzyl sapak.** Agajynyň ululygy orta möçberde, ýapraklarynyň gürlügi ortaça, gabarasy beýik, şahalarynyň ujy aşak sallanyp durýar. Armyt ýabany ösümlige sapylanda, oturdylandan soňky 4-5-nji ýylynda miwe getirip başlaýar (*16-njy surat*).



*16-njy surat. Armydyň Gyzyl sapak sorty*

Miweleri orta ululykda 80-90 gram, süýnmegräk togalak şekilli. Miwe ýyglanda gabygy sargylt-ýaşyl, ýetişende bolsa, gün düşýän tarapy gyzgylt öwüsýär. Miwesiniň eti ýaşylymtyl-aksowult, tagam-hil sypatlary gowy, çala turşumtyl süýji bolýar.

Miweleri iýul aýynyň ahyrynda ýetişýär. Hasyllylygy ýokary, her 8-9 ýaşan agaç 50 kilograma çenli hasyl berýär. Bişen miweleri ýere dökülýär. Miweleri ýyglandan 4-5 günden soň çişip zaýalanýar. Miwelerini uzak aralyga ibermek üçin, gabygy saralmazdan öň, hasylyny ýygnamaly bolýar.

**Merdem.** Agajy ösgün, gabarasy ýaýraň, depesiniň ýapraklary gür, ösüşiniň 4-5-nji ýylynda miwe getirip başlaýar.



*17-nji surat. Armydyň Merdem sorty*

Miweleri iri (180-200 gram), süýnmegräk şekilli. Gabygy galyň, miweleri ilki ýyglanda gabygy ýaşylymtyl reňkde bolýar, saklandygyça sargylt reňk alýar, miwesiniň bütin boýuna uzalýan goňras zolaklary bar, eti açyk goňur, suwly, tagamy süýji. Bu sort gaty ir güllese-de, gülleri bahar sowugyna çydamly bolýar. Miweleri agajynda berk saklanýar (*17-nji surat*).

Hasyly sentýabr aýynyň başynda ýetişýär. Hasyllylygy gowy, her 9-10 ýaşan agaç ortaça 90-100 kilograma çenli hasyl berýär. Hasylyny fewrala çenli saklap bolýar. Uzak aralyga äkitmek üçin ýaramly hasaplanylýar.

**Sähra gözeli.** Agajy ösgün, gabarasy ýaýraň, depesiniň şahalarynyň ujy aşak sallanyp duran bolýar.

Uly boý alýan peýwentlere sapylanda 7-8 ýyldan soň, gysga boýly peýwentlere sapylanda 4-5 ýyldan soň miwe getirip ugraýar.

Miweleri ortaça ululykda, 115-120 gram, aşak tarapy togalakdan süýnmek şekilli. Gabygy ýuka, berk däl, ýylmanak, ýaşylymtyl-sary ýa-da altynsow sary reňkli bolýar. Gabygynyň hemme ýerinde owunjak goňras nokatlary bar. Gabygy aksowult, eti suwly, süýji, turşulygy çala bildirýär.

Aprel aýynyň ikinji ongünlüginde gülläp başlaýar, ir baharyň sowugy güllerine täsir etmeýär. Miweleri ýekelikde we iki-ikiden ýerleşýär.

Sentýabr aýynyň başynda hasyly ýetişýär. Her ýyl miwe getirýän hem bolsa, ýylaşa köp hasyl berýär, her 8-9 ýaşan agaç 50-60 kilogram, doly boý alan agaç bolsa 200-250 kilogram miwe getirýär. Hasyly ýygnalandan soň, üýtgemän iki-üç hepde saklanýar. Uzak araly-



*18-nji surat. Armydyň Sähra gözeli sorty*

ga äkitmäge ýaramly hasaplanylýar. Terligine iýilmekden başga-da miweleri konserwirlenilýär, olar kişde etmäge-de ýaramly bolýar (*18-nji surat*).

**Sary Saýwan.** Agajy orta boýly, depesi piramida şekilli, ýapraklary baldakda gür ýerleşendir.

Miweleri adaty armyt şekilli, käte bir gapdaly togalagrak bolýar, orta ýa-da ortadan ýokary ululykly, her miwesi 170-180 gram. Agaç 8-9 ýaşynda hasyl berip başlaýar (*19-njy surat*).



*19-njy surat. Armydyň Sary Saýwan sorty*

Miwesi sary, gün düşýän tarapy gyzgylt öwsüp durýar. Miwesiniň suwly, ýakymly süýji tagamly eti bolýar. Miweleri agaçda berk saklanýar, ýere dökülmeýär.

Hasyly awgust aýynda ýygmaga ýetişýär. Oktýabr aýynyň aýagynda gaty süýjäp, iýmäge has ýaramly bolýar. Her 8-9 ýaşyndaky

agajyň berýän miwesi 20-25 kilograma ýetýär. Ýolnandan soň saklananda, miweler öz hil sypatyny ýitirmän 15-20 gün saklanýar, terligine, suwlulygyna galýar. Uzak aralyga äkitmäge ýaramlylygy gowy. Bu armyt desert sorta degişli. Zyýanly mör-möjeklere we kesellere garşy durnukly.

**Altynsow.** Agajy orta boýly, käte gaty ösgün agaçlary hem bolýar, depesi ýaýraň, piramida şekilli, ýapraklary gür, ýyl geçdigiçe, şahalary ýaýraňlanýar. 4-5 ýaşynda miwe getirip başlaýar (*20-nji surat*).



*20-nji surat. Armydyň Altynsow sorty*

Miweleri orta ululykda, käte irileri 120-200 gram hem bolýar, çala süýnmegräkden togalak şekilli, sary, gapdaly gyzgylt öwüşginli bolýar. Miwesiniň eti goňrumtyl, örän ýumşak we suwly, süýji tagamlydyr.

Hasyly awgust aýynyň ikinji ongünlüginde ýygmaga ýetişýär. Hasyllylygy yzygiderli, ýokary. Her 10-12 ýaşan agaç 50 kilogram we ondan hem köp hasyl berýär. Bu sortuň miwesi ýolnup saklanylanda gowy bişýär. Miweleri 30-35 günläp üýtgemän saklanyp durýar. Uzak aralyga ibermäge ýaramlylygy gowy. Bu desert sort, kişde etmäge hem ýaramly.

**Altyn gabyk.** Agajynyň ululygy orta derejede, ýaş wagty çalt ösýär, soňra ösüşi barha haýallaýar. Gabarasynyň depesiniň şahalary seýrek, ýaýraň, piramida şekilli, 4-5 ýaşynda miwe getirip başlaýar.

Miweleri orta ululykda (150-180 gram), emma ululary hem bolýar, süýnmek şekilli. Miwesiniň gabygy gaty ýuka, ýylpyldawuk bolup, gowy bişende, sary reňke geçýär. Armydynyň eti sargylt ak reňkli. Gaty suwly, tagamy süýji, näzijek hoşboý ysly. Aram ýetişýän sortlardan iň gowusynyň biri hasaplanylýar.

Hasyly awgust aýynyň ahyrynda ýetişýär. Her ýyl hasyl berýär, her 15 ýaşan agaç ortaça 80-90 kilogram miwe getirýär. Ýolnandan soň, adaty şertlerde 20-30 günläp üýtgemän durýar. Uzak aralyga ibermeklige ýaramlylygy gowy (*21-nji surat*).



*21-nji surat. Armydyň Altyn gabyk sorty*

**Türkmen gözeli.** Ýaýraň şahaly, togalak selçeňräk gabarasy bolan, boýy 7 metre çenli ösýän agaç. Köp hasyl getiren ýyly şahalary miweleriniň agramyna döwülýär. Ýönekeý ýogyn baldakly, gysga inçejik köp sanly hasyl getiriji sahalary bolýar. Oturdylandan soň 4-6

ýyldan miwe getirýär we doly hasyla 8-10-njy ýyldan durýar. Miwe getirmesi 35-38 ýyl dowam edýär. Giç we uzak möhletleýin gülleýär.

Ýokary tarapy giňelen armyt sekilli, iri 250-350 gram, birmeňzeş ululykda miweleri bolýar. Miwesinden ösüp çykan, etlek, ýogyn, gysga miwe sapajyklydyr. Sarymtyl-ýaşyl ýalpyldawuk, dykyz-galyň miwe gabyklydyr. Gowy tagamly, ýakymly ysly, ýumşak, örän süýji, ak miwe etlidir.

Miweleri 20-nji iýuldan 15-nji awgust aralygynda ýygyma ýaramlydyr. Bu sortuň miweleriniň bişip ýetişmegi 15 gün dowam edýär. Bir agaçdan 150-200 kilogram hasyl alynýar. Miweleri az möhletde saklanýar. Başga ýerlere ibermeklige ýaramlylygy gowy. Miweleri terligine, güne kakadylyp we gaýtadan işlenilip ulanylýar.

Gyşa durnukly, topragyň dürli görnüşlerinde ösýär. Yssa we gurakçylyga çydamsyz. Batgalaşan şor toprakly ýerlerde uzak ösüp, hasyl bermeýär (*22-nji surat*).



*22-nji surat. Armydyň Türkmen gözeli sorty*

**Sary armyt.** Agajy orta boýly, esasy sütünden ýiti burç bilen ösýän gapdal şahaly, giň ýaýraň gabarasy bolýar. Köp sanly miwe getiriji şahajyklary bolýar.

Armyt tohumyndan gögerdilen nahala sapylanda 4-5 ýyldan, ýabany beýide peýwent edilip ösdürilip ýetişdirilende 3-4 ýyldan hasyl getirip başlaýar. Aprel aýy gülleýär. Miweleri agaçda berk saklanýar, ýasy-togalak alma şekilli, ýygym döwri garamtyl-sary reňklidir. Miweleri doly bişip ýetişende, çalymtyl-sary reňklidir. Miwe gabygy galyň. Miwesiniň eti ýakymly ysly, gowy süýji tagamly, dykyz, sarymtyl-ak reňklidir.

Miweleri 20-nji sentýabrdan bişip ýetişip, ýygyma taýýar bolýar. Miweleri iýmek üçin 15-nji noýabrdan soň ýaramlydyr. 8-10 ýaşan agaçdan 20-40 kilogram hasyl alynýar. Uzak aralyga äkitmek üçin amatly, miweleri 26-28-nji fewrala çenli saklanýar. Sort ýokary derejeli agrotehniki idegi talap edýär.

**Köpetdag.** Selçeň süýri görnüşli gabarasy bolan, 6 metre çenli boýy bolan güýçli ösýän agaçdyr. Oturdylandan soň 4-5 ýyldan miwe getirip başlaýar. Köp sanly miwe getiriji şahalary bolýar. Ir gülleýär.

Miweleri agaçdaky hasyl getiriji şahajyklarynda berk saklanýar, aralyk ululykda (120-150 gram). Miwesiniň eti ýumşak, ýakymly ysly, süýji tagamlydyr.

Tomus aýlary 25-nji iýundan 5-nji iýul aralygynda miweleri bişip ýetişýär. Miweleri terligine iýmek üçin 10-12 günüň dowamynda ulanylýar. Hasyllylygy miwe getirýän agaçdan 40-50 kilogram. Uzak aralyga äkitmek üçin amatly hasaplanylýar. Sowuga we kesellere durnukly, suwarymly topraklarda ösdürilip ýetişdirilýär.

## Beýiniň sortlarynyň häsiýetnamasy

**Iri miweli.** Agajy ösgün, boýy 6-7 metre ýetýär, ýapraklary baldakda gür, aprel aýynyň ahyrynda, maýyň başynda gülläp başlaýar. 4-5 ýaşynda miwe getirip başlaýar. Miweleri uly, her biri 250-300 grama ýetýär, çala süýnmegräk, togalak şekilli. Ýetişen miwesi sarymtyl ýaşyl reňkli, gabygy inçe. Miwesiniň eti goňras reňkli, digir-digir, çala turşumtyl süýji tagamly, suwlulygy ortaça, hoşboý ysly, her ýyl miwe getirse-de, ýylaşa has köp hasyl berýär.

Miweleri oktýabr aýynyň birinji ýarymynda ýygylýar. Noýabr aýynyň başynda tagamy has gowulanýar. Hasyllylygy her miwe getirýän agaçdan 15-20 kilogram. Miweleri ýygylandan soň fewral aýyna çenli gowy saklanýar, öz tagamyny we beýleki hil sypatlaryny ýitirmeýär. Miweler terligine iýilmekden başga-da, gaýtadan işlenilýär. Uzak aralyga ibermäge ýaramlylygy gowy (*23-nji surat*).



*23-nji surat. Beýiniň Iri miweli sorty*

**Hasylly.** Agajyň ösüş güýji ortaça, gabarasynyň depesi tegelek. Agajy 3-4 ýaşynda miwe getirip ugraýar. Giç gülläp başlaýar. Miwesi oktýabr aýynyň birinji ýarymynda ýygmaga ýetişýär.

Miwesi iri (300-350 gram), onuň ýokary başy çala süýri, aşak tarapy togalak, reňki sary, gabygynyň daşy goňur tüýjümek örtüklidir (*24-nji surat*).

Miwesiniň eti ak reňkli, gaty däl, suwly, hoşboý ysy güýçli, turşumtyl-süýji tagamly bolýar.

Miweleri oktýabr aýynyň birinji ýarymynda ýygylýar. Hasyllylygy gowy, her miwe getirýän agaçdan 25-30 kilogram hasyl ýygylýar. Miweleri ýyglandan soň, fewrala çenli saklanyp bilýär. Uzak aralyga



*24-nji surat. Beýiniň Hasylly sorty*

ibermäge ýaramlylygy gowy. Zyýanly mör-möjeklere we kesellere garşy durnuklylygy ortaça.

**Sary ýygyrtly.** Agajy ösgün, gabarasy ýaýraň, piramida şekilli, ýapraklary baldakda gür ýerleşen. Bu sortuň agajy 3-4 ýaşynda miwe getirip başlaýar. Aprel aýynyň üçünji ongünlüginde, ýagny giç gülläp başlaýar (*25-nji surat*).

Miweleri orta ululykda ýa-da iri (240-300 gram) bolýarlar. Miwesiniň depesi süýnmegräk, esasy togalak, üsti büdür-südür, dilimleri bildirip dur. Miwesi sargylt reňkli, üsti goňras reňkli tüýjümek. Miwesiniň eti ýaşylymtyl mele reňkli, suwly, hoşboý ysly, gowy hilli turşumtyl süýji tagamy bar.

Miweleri oktýabr aýynyň ilkinji günlerinde ýetişýär.



*25-nji surat. Beýiniň Sary ýygyrtly sorty*

Hasyllylygy ýokary, 5-6 ýaşan agaç 15-20 kilogram hasyl berýär. Miweleri ýolnandan soň, fewral aýyna çenli üýtgemän saklanýar, uzak aralyga ibermeklige ýaramlylygy gowy. Keseller we zyýanly mör-möjekler köp zyýan ýetirmeýär.

**Sary togalak.** Agajyň boýy orta ululykda, gabarasynyň depesi tegelek, ýapraklary gür. 3-4 ýaşandan soň miwe getirip başlaýar. Miweleri orta ululykda (190-250 gram), sary reňkli. Miwesiniň depesi çala süýnmek, gabarasy togalak bolýar (*26-njy surat*).

Miwesiniň eti goňras reňkli, suwlulugy ortaça, turşumtyk süýji tagamly. Miweleri oktýabr aýynyň başynda ýetişýär. Hasyllylygy gowy. Her 7-8 ýaşan agajy ortaça 50-60 kilogram hasyl berýär.



*26-njy surat. Beýiniň Sary togalak sorty*

Miweleri ýygylandan soň, fewral aýyna çenli hilini üýtgetmän saklanýar. Uzak aralyga ibermäge ýaramlylygy gowy.

**Änew.** Agajynyň ösüş güýji ortaça, gabarasynyň depesi ýaýraň, piramida şekilli. Bu sort 3-4 ýaşynda miwe getirip başlaýar. Miweleri iri (300-700 gram), çala süýnmegräkden togalak şekilli, sähelçe seljerdýän dilimleri bolýar, gabygy ýaşylymtyl sary reňkli, daşy açyk goňur, tüýjümek bolýar.



*27-nji surat. Beýiniň Änew sorty*

Miwesiniň eti sargylt, suwly, dykyz, hoşboý ysly, turşumtyl-süýji tagamly.

Apreliň ikinji ongünlüginde, ýagny giç gülleýär. Miweleri sentýabr aýynyň ahyrynda, oktýabryň birinji ýarymynda ýetişýär. Sortuň 5-6 ýaşan agajy 25-30 kilogram miwe getirýär.

Miwelerini ýyglandan soň, fewrala çenli gowy saklap bolýar. Uzak aralyga ibermäge ýaramlylygy gowy. Miweleri terligine iýilýär. Miwelerine zyýankeş gurçuklar uly zyýan ýetirýär (*27-nji surat*).

**Ýeňiji.** Agajy güýçli ösgün, ýaýrań, gür ýaprakly we piramida şekilli gabarasy bolýar. Bu sort 3-4 ýaşynda miwe getirip başlaýar. Miweleri iri (250-300 gram), armyt şekilli, reňki sary, goňras tüýjümek daşly. Miwesiniň eti sargylt ak reňkli, suwlulygy ortaça, turşumtyk süýji tagamly, hoşboý ysly.

Hasyly oktýabr aýynyň başynda ýetişýär. Hasyllylygy gowy. 7-8 ýaşan agaç 60-70 kilogram miwe getirýär. Miweleri ýolnandan soň, ýanwar aýyna çenli üýtgemän saklanýar. Uzak aralyga ibermäge ýaramlylygy gowy. Mör-möjeklere we kesellere garşy durnuklylygy ortaça.

## ŞÄNIKLI MIWELI BAGLARYŇ SORTLARY

**Şänikli miweli baglara** – erik, şetdaly, garaly, alça, ülje we çereşnýa degişlidir. Miwesi şänikli baglar çalt hasyla durýandygy, ir hasyl berýändigi, miweleriniň ýokary tagamlydygy we gurakçylyga çydamlydygy bilen tapawutlanýar.

Şänikli miweli baglaryň miweleri terligine iýmekde, ýokary hilli kişde taýýarlamakda we gaýtadan işlemek üçin has ýaramlydygy bilen tapawutlanýar.

Miweleri gaýtadan işlenilip, süýjüli içgiler, mürepbeler we şireler taýýarlanylýar.

### Erigiň sortlarynyň häsiýetnamasy

**Ternaw.** Erigiň Ternaw sorty S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň Magtymguly ylmy-önümçilik synag merkezinde döredildi.

Agajy gaty uly, gür şahalary togalak depesini emele getirýär. Ýapraklarynyň gürlügi ortaça. Oturdylandan soň 4-5-nji ýylynda miwe getirip başlaýar. Miweleri orta möçberli (30-35 gram), süýnmegräk togalak şekilli. Gabygy gyzgylt-sary reňkli, gyrmyzy öwüşginli. Miwesiniň eti gyzgylt-sary, dykyzlygy ortaça. Şänigi süýnmek, miwesiniň etinden aňsat aýrylýar (*28-nji surat*).

Bu sort gülleýiş döwrüniň dowamlylygy we pudaklarynyň, çybyklarynyň köp emele gelýänligi bilen tapawutlanýar.

Miweleri iýulyň birinji ongünlüginiň ahyrynda, ikinji ongünlüginiň başynda bişýär. Hasyllylygy ortaça. 10 ýaşan agaç 50-60 kilogram erik miwesini getirýär. Miweleri ýolnandan soň, 8-10 güne çenli üýtgemän saklanýar. Uzak aralyga ibermäge ýaramlylygy gowy.



*28-nji surat. Erigiň Ternaw sorty*

Miweleri terligine iýilmekden başga-da, gaýtadan işlenilýär we kişde edilýär.

**Garrygala–1305.** Erigiň Garrygala–1305 sorty S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň Magtymguly ylmy-önümçilik synag merkezinde döredildi.

Agajy ösgün, süýnmekden togalak, depesiniň şahalary seýrek gabaraly, ýapraklary iri. Oturdylandan soň 4-5-nji ýylynda miwe getirip başlaýar, gijräk gülleýär. Miweleri iri (50-55 gram), süýnmegräk togalak şekilli, gabygy ýuka, ýylpyldawuk, gyzgylt-sary, sargylt reňkli. Miwesiniň eti goňur reňkli, dykyz, süýji tagamly. Şänigi orta ululykda, goňras reňkli, maňzy süýji (*29-njy surat*).

Miweleri iýul aýynyň ortasynda bişýär. Hasyllylygy ýokary, her agaçdan 100 kilogram miwe hasylyny alyp bolýar. Miweleri ýolnandan soň, hili 10-15 güne çenli üýtgemän saklanýar. Uzak aralyga ibermäge ýaramlylygy gowy. Miweleri terligine iýilýär hem-de gaýtadan işlenilýär.

**Irki Sumbar**. Agajy ösgün, sütüniniň depesindäki şahalarynyň ýygjamlygy we ýapraklarynyň gürlügi ortaça, gabarasynyň depesiniň süýnmegräkden ýaýraň şekili bar. 3-4 ýaşynda miwe getirip ugraýar. Martyň başynda gülläp başlaýar. Miweleri orta ölçegli (30-40 gram), süýnmegräk ýumurtga şekilli, goňras sary reňkli, bir gapdaly gyzaryp duran, ýukajyk gabygynyň üsti çala bildirýän tüýjümek. Miwesiniň eti sargylt, dykyz, suwly, çala turşumtyl-süýji. Şänigi orta ululykda, etinden aňsatlyk bilen aýrylýar.

Şäniginiň maňzy süýji, miweleri maý aýynyň ikinji ongünlüginiň aýagynda, üçünji ongünlüginde bişýär. Hasylynyň ýetişiş dowamlylygy 10-15 gün. 10 ýaşan agajy 45-50 kilogram hasyl berýär. Terligine iýmek we gaýtadan işlemek üçin peýdalanylýar (*30-njy surat*).

Miweleri ýyglandan soň, 7-9 güne çenli hili üýtgemän saklanýar. Uzak aralyga ibermäge ýaramlylygy gowy.

**Altyn şöhle.** Agajynyň ösüşi orta derejede, gaba-



*29-njy surat. Erigiň Garrygala–1305 sorty*



*30-njy surat. Erigiň Irki Sumbar sorty*

rasynyň şahalary ýaýraň bolmadyk, ýapraklary baldakda gür ýerleşen (*31-nji surat*).

Oturdylandan soň 3-4-nji ýylynda miwe getirip başlaýar. Gaty ir gülleýär, miweleri ownuk (23-26 gram), ölçegleri birmeňzeş ululykda, togalak, depesi süýnmek, gapdal sepi çala bildirýär.



*31-nji surat. Erigiň Altyn şöhle sorty*

Miweleriniň reňki altynsow sary, gabygy ýylmanak, dykyz, açyk sary. Miwesiniň eti goýy sary, dykyz, süýjüligi ýokary, turşulygy pes, ysy we tagamy gowy. Şänigi ownuk, miwäniň etinden aňsatlyk bilen aýrylýar, maňzy süýji.

Miweleri iýun aýynyň ortasynda bişýär. Hasyllylygy ýokary. Miweleri terligine iýmek we gaýtadan işlemek üçin ulanylýar, şeýle hem, bu sort kişde etmek üçin hem peýdalanylýar. Miweleri ýyglandan soň, 8-10 güne çenli durky, tagamy üýtgemän saklanýar. Miweleriniň uzak aralyga ibermäge ýaramlylygy ýokary.

**Gyzyl ýaňak.** Agajy ösgün, gabarasynyň depesiniň şahalary ýaýraň, ýygjam, ýapraklary baldakda gür ýerleşen, ir gülleýär we 4-5 ýaşynda miwe getirip başlaýar. Miwesi togalagrakdan süýnmek şekil-

li, iri (40-50 gram), birmeňzeş ululykda, altyn öwüsýän goýy sary reňkli, gapdaly goýy gyzyl reňkli, depesi küti, gabygy dykyz, üsti tüýjümek.

Miwesiniň eti sary reňkli, dykyz, süýümjagazlary ýumşak, suwly, süýji. Şänigi orta ölçegli, goňur reňkli, etinden aňsatlyk bilen aýrylýar. Maňzy süýji (*32-nji surat*).

Miweleri iýun aýynyň ikinji ongünlüginiň ahyrynda, üçünji ongünlüginiň başynda ýetişýär. Ýokary hasylly, 10 ýaşan agajy ortaça 160-200 kilogram hasyl berýär. Terligine iýmek we kişde etmek üçin ulanylýar. Miweleri ýyglandan soň, 3-4 güne çenli durky we tagamy üýtgemän saklanýar, uzak aralyga ibermäge ýaramlylygy gowy.



*32-nji surat. Erigiň Gyzyl ýaňak sorty*

**Gülgüne erik.** Agajy ösgün, gabarasynyň depesiniň şahalary gür, ýapraklarynyň baldakda gürlügi orta derejede. Oturdylandan soň 4-5-nji ýylynda miwe getirip başlaýar, gijräk gülleýär. Miweleri iri (35-45 gram), süýnmegräkden togalak şekilli, sary reňkli. Miwesiniň gabygynyň daşy tüýjümek, ýylpyldawuk, berk. Miwesiniň eti goýy sary, dykyz, ýumşak, süýri, turşulygy pes derejede. Şänigi



33-nji surat. Erigiň Gülgüne sorty

süýnmek şekilli, goňur reňkli, orta ölçegli, miwäniň etinden aňsatlyk bilen aýrylýar. Şäniginiň maňzy süýji (*33-nji surat*).

Miweleri iýun aýynyň aýagynda, iýul aýynyň başynda ýetişýär. Hasyllylygy ýokary, 10 ýaşan agajy 70-90 kilogram miwe getirýär. Miweleri ýyglandan soň, 2-3 güne çenli durnukly we tagamyny üýtgetmän saklaýar. Terligine iýilýär, gaýtadan işlenilýär we kişde edilýär. Miweleri uzak aralyga ibermäge ýaramly.

**Giçki nohur.** Erigiň giçki nohur sorty S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň Magtymguly ylmy-önümçilik synag merkezinde döredildi.

Agajy ösgün, gabarasynyň şahalary ýaýraň däl, ýapraklary baldakda gür ýerleşen. Oturdylandan soň 4-5-nji ýylynda miwe getirip başlaýar. Giç gülleýär, gülleýiş döwri 15-20 güne çekýär.



*34-nji surat. Erigiň Giçki nohur sorty*

Miweleri iri (60-85 gram), çala süýnmekden togalak, üsti tüýjümek. Gabygy berk, miwäniň gapdaly gyzgylt reňkli. Miwesiniň eti açyk goňur reňkli, suwly, tagamy gowy. Şänigi ownuk, etinden aňsatlyk bilen aýrylýar, reňki goňras. Mağzy süýji (*34-nji surat*).

Bu sort şahalarynyň köp emele gelmegi, hasylly pudaklarynyň köp ýaşaýanlygy we ýokary hasyl berýänligi bilen tapawutlanýar. Kömelek kesellerine garşy durnukly.

Miweleri iýul aýynyň başynda bişýär. 10-12 ýaşan agaçlaryň her biri 100-150 kilograma çenli miwe berýär. Miweleri ýyglandan soň, 8-10 güne çenli durkuny we tagamyny üýtgetmän saklaýar. Miweleri terligine iýilýär. Miwelerininiň uzak aralyga ibermäge ýaramlylygy gowy.

**Ýaşlyk.** Erigiň ýaşlyk sorty S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň Magtymguly ylmy-önümçilik synag merkezinde döredildi.

Agajy uzyn boýly, gabarasy süýnmekden togalak, şahalary ýaýraň ýerleşen.

Oturdylandan soň 3-4-nji ýylynda miwe getirip başlaýar. Miweleri iri (40-60 gram), çala süýnmekden togalak, gabygy tüýjümek, goýy sary reňkli, gapdaly gyrmyzy reňkli. Miwesiniň eti gyzgylt-sary reňkli, suwly, dykyzlygy ortaça, tagamy gowy. Şänigi süýnmek, gapdal sepi çala bildirýär. Mağzy süýji. Bu sortuň agaçlary köp pudak emele getirýär, pyntyklary gowy açylýar. Gül pyntyklary gysgajyk pudaklarda emele gelýär. Hasylly pudaklarynyň ömri 3-5 ýyl. Agajyň garrap ugran şahalarynyň täzelemek üçin esasy şahalaryň ujuny 1-2 ýyldan soň, pudaklaryň ujuny 1 ýyldan soň kesmek maslahat berilýär.

Miweleri iýul aýynyň birinji ongünlüginde ýetişýär. Ýokary hasylly sort hasaplanýar. 10 ýaşan agaç 250 kilograma çenli miwe berýär. Miweleri ýyglandan soň, 6-8 güne çenli öz durkuny we tagamyny üýtgetmän saklaýar. Miweleri terligine iýilýär, şeýle hem gaýtadan işlenilýär. Miwelerini daş aralyga ibermäge ýaramlylygy ýokary.

**Giçki hurmaýy.** Agajy ösgün, gabarasynyň depesiniň şekili süýnmek, şahalary selçeň, ýapraklarynyň gürlügi ortaça. Agaç 5-6

ýaşynda miwe getirip başlaýar. Miweleri orta möçberli, gyzgylt-sary, miwesiniň gapdalynyň reňki gyzyl. Miwesiniň eti goýy sary reňkli, dykyz, onçakly suwly däl, tagamy türşumtyl süýji (*35-nji surat*).



*35-nji surat. Erigiň Giçki hurmaýy sorty*

Şäniginiň ölçegi orta möçberde, miwesiiň etinden aňsat aýrylýar, maňzy süýji.

Bu sort köp pudak emele getirmäge ukyplylygy we hasyl getirýän pudaklarynyň ömrüniň gysgalygy bilen tapawutlanýar.

Miweleri iýul aýynyň ortasynda ýetişýär. Hasyllylygy ýokary, 10 ýaşan agaç 120-140 kilogram miwe getirýär. Miweleri ýyglandan soň, 10 güne çenli üýtgetmän saklanýar. Miweleriniň uzak aralyga ibermäge ýaramlylygy ýokary. Bu sortuň miweleri terligine iýilýär hem-de gaýtadan işlenilýär.

**Saýwan.** Agajy ösgün, gabarasy giň ýaýraň bolup, uzak ýaşaýar. Oturdylandan soň 7-8-nji ýyl miwe getirip başlaýar. Ýapraklary iri, ýaýraň süýri şekilli. Mart aýynyň 25-inden aprel aýynyň 10-na çenli 5-7 günläp gülleýär. Sort öz-özüni tozanlandyrmaýar.

Miweleriniň ortaça agramy 30 gram, depesi ýiti süýnmek, miwe sapajygyna ýakyn ýerleşen ýeri çala gapyrgaly bolýar.

Miwesiniň gabygy tüýjümek, dykyz, sary reňkli, günüň şöhlesine durnuksyz. Miwesiniň eti goýy sary reňkli, tagamy süýji, ýakymly ysly, kişde edilende süýjülik derejesi peselýär (*36-njy surat*).

Şänikleri iri, goýy goňur reňkli, miwesiniň etinden aňsatlyk bilen aýrylýar.



*36-njy surat. Erigiň Saýwan sorty*

Miweleri 8-12-nji iýulda bişip ýetişýär. Hasyllylygy her bir agaçdan 200 kilogram miwe getirýär. Miweleri 2-3 gün durkuny we tagamyny üýtgetmän saklaýar, uzak aralyga daşamaga ýaramly. Ýylaşa gowy hasyl berýär, gurakçylyga çydamly, miwesinden ýokary hilli kişde taýýarlanylýar.

**Nowaýynyň şanlysy.** Uzak ýaşaýan agajy ösgün boýly (8-15 metr), gabarasy ýaýraň bolýar. 4-5-nji ýylynda hasyl berýär. Ýaprak-

lary orta ululykly ölçegli, ýaýrań süýri şekilli. Miweleri iri (45-55 gram), süýrüräkden togalak şekilli, bir tarapy çukanakly we ýalpyldawuk bolýar. Miweleri sarymtyl reňkli, iýulyň ortasynda hasyly ýetişýär.

Miweleri iýun aýynyň ahyrynda, iýul aýynyň başynda bişip ýetişýär. 15 ýaşly agaçdan 200 kilogram hasyl alynýar. Miweleri 7-8 gün saklanýar, uzak aralyga daşamaga ýaramly. Miweleri terligine iýilýär we kişde taýýarlamak üçin ulanylýar.

**Ak şekerek.** Boýy 4-5 metre ýetýän, gür ýaprakly, togalagrak ýasy gabarasy bolan miweli agaç. Ýaş bagy 2-3-nji ýyl miwe getirip başlaýar. Ýapraklary aralyk ululykda, çala ýygyrtly. Uzynlygy 2-16 santimetr bolan birýyllyk baldaklarynda gülleri ýerleşýär. Hasyl getiriji şahajygy 4-6 ýyl ýaşaýar. Miweleri iri (42-50 gram), süýrümtil, tüýjümek, gabarasyndaky merkezi şahalaryndan miwe berýär.

Miwe gabygy ýuka, eti dykyz, symgylt-ýaşyl reňklidir. Miwesiniň eti sary reňkli, dykyz, ýumşak, süýjülik derejesi ýokary, ýakymly ysy bolýar. Şänikleri etinden aňsatlyk bilen aýrylýar, maňzy süýji bolýar.

Miweleri 10-20-nji iýulda ýetişýär. Hasyllygy bir agaçdan 60-80 kilogram. Miweleri 8-10 gün saklanýar. Miweleri ýokary hilli, uzak aralyga daşamaga amatly, terligine we gaýtadan işlemek üçin ulanylýar.

**Sary suwhan.** Agajy güýçli ösen, 12 ýaşly agajyň boýunyň uzynlygy 8,5 m, ösüşiniň 4-6-njy ýylynda hasyl getirip başlaýar. Miweleri iri, süýrümtil sary we goýy sary reňkde bolýar. Bir miwäniň agramy 65 gram.

Iýul aýynyň ahyrynda hasyly ýetişýär. 1 düýbünden 60-75 kilogram hasyl alynýar. Miweleri 8-10 gün zaýalanman saklanýar. Miweleri ýokary hilli, uzak aralyga daşamaga amatly, terligine we kişde etmek üçin ulanylýar.

**Gyzyl hurmaýy.** Orta Aziýa döwletinde döredildi.

Agajy güýçli ösýän, uzyn boýly, ýagny 7,5 metre ýetýär. Ösüşiniň 2-3-nji ýylynda hasyl berýär. Miweleri orta (28 gram) we iri

(35-38 gram). Miwesi gyzylymtyl-sary reňkli, süýji tagamly, turşumtyl, şänikleri iri bolýar.

Iýun aýynyň başynda hasyly ýetişýär. Ýokary hasylly, bir düýpden 60-80 kilogram hasyl alynýar. Miweleri zaýalanman 10 gün saklanýar, ýokary hilli, uzak aralyga daşamaga amatly, terligine we kişde etmek üçin ulanylýar.

## Şetdalynyň sortlarynyň häsiýetnamasy

**Ak Farap.** Agaçlary güýçli ösen, kesellere durnukly. Gabarasynyň şahalary ýaýraň, ýapraklary baldakda gür ýerleşen. 3 ýaşynda miwe getirip başlaýar. Gülleri iri bägül görnüşli, solak-bägül reňkli. Miweleri şar şekilli, iri (150 grama çenli), goňur, al gyzyl tegmilli. Miwesiniň bir gapdalyndan çuň çyzyklar geçýär, eti sarymtyl reňkli, gaty suwly, ýumşak, hoşboý ysly we tagamy süýji. Miwe gabygy ýakymly ysly, ýuka, üsti galyň tüýjümek gatlak bilen örtülen, sarymtyl-ak reňkli, etinden aňsatlyk bilen aýrylýar.



*37-nji surat. Şetdalynyň Ak Farap sorty*

Miweleri iýul aýynyň ikinji ongünlüginde ýetişýär. Hasyllylygy ýokary. Bu sortuň agajy gektardan 100-120 sentner hasyl berýär. Miweleriniň ýolnandan soň saklanyjylygy we uzak aralyga ibermäge ýaramlylygy ýokary. Bu sort diňe terligine iýilýär (*37-nji surat*).

**Altynsow şanly.** Agaçlary orta derejede ösgün, gabarasynyň şekili süýnmek, şahalary ýaýraň. 3 ýaşynda miwe getirip başlaýar. Miweleri uly, 120-140 gram, süýnmegräk togalak, altynsow sary,



*38-nji surat. Şetdalynyň Altynsow şanly sorty*

gapdaly gyzgylt reňkli. Miwesiniň eti gyzgylt sary, suwly, gaty süýji, hoşboý ysly bolýar (*38-nji surat*).

Miweleri iýul aýynyň ortasynda ýetişýär. Hasyllylygy ýokary. Bu sortuň agajy gektardan 120-130 sentner hasyl berýär. Miweleriniň harytlyk hil sypatlary zaýalanman saklanyjylygy we uzak aralyga ibermäge ýaramlylygy gowy. Bu sort klýasterosporioz keseline durnukly.

Bu sort terligine iýilýär, kişde edilýär we gaýtadan işlenilýär.

**Gülşen.** Agaçlary orta derejeli ösgün, şahalary inçe, gabarasy ýaýraň, şetdaly şirejesine garşy durnukly. 2-3 ýaşynda miwe getirip başlaýar, 5-7 ýaşan agajy bolsa 35-50 kilograma çenli hasyl berýär. Baldagynyň bir bognunda 3-4 sany hasyl pyntyklary bolýar. Iri, goýy bägül reňkli gülleri bolýar. Mart aýynyň 20-28-i aralygynda gülleýär.

Miweleri togalak şekilli, iri (100-120 gram), ýasy şekilli, gyzgylt sary, gyzyl reňkli, tegmilli. Miwesiniň eti sary, şänigine ýakyn ýeri gyzgylt reňkli, näzik, gaty suwly we hoşboý ysly, turşumtyk süýji tagamly. Miwe gabygy ýuka, açyk sary reňkli we etinden kynlyk bilen aýrylýar. Şänigi etinden aňsatlyk bilen aýrylýar (*39-njy surat*).

Miweleri iýul aýynyň ahyrynda we awgustyň başynda ýetişýär. Miweleri bişenden soň ýere dökülip başlaýar. Hasyllylygy her agaçdan 60-70 kilogram hasyly alynýar. Miweleri ýyglandan soň saklanyjylygy 5-6 gün we uzak aralyga ibermäge ýaramlylygy ýokary. Terligine iýilmekden başga-da kişde edilýär we gaýtadan işlenilýär.

Ýokary hasyly almak üçin ýeňil düzümli gurply toprak gerek bolýar. Hasyl getirýän baga suw az tutulsa ýa-da suw ýetmezçilik etse, miweleri ajymtyk tagamly bolýar. Sowuga we kesellere durnuksyz.

**Jeýhun.** Agajy orta boýly, göni gabaraly bolup, oturdylandan soň 4-nji ýyl hasyl berýär. Jaňjagazlara meňzeş gülleri bolýar.



39-njy surat. Şetdalynyň Gülşen sorty

Miweleri togalak, aralyk ululykda (150 gram), solak gyzyl reňkli, miwe gabygy çala tüýjümek, uzak aralyga daşamak üçin ýaramly.

Miwesiniň eti inçe damarjykly, süýji tagamly, açyk sarymtyk reňkli. Şänigi miwesinden aňsatlyk bilen aýrylýar.

Miweleri iýul aýynyň 20-25-i aralygynda bişip ýetişýär. Miwe getirýän bagyň hasyllylygy 143 s/ga. Miweleri ýyglandan soň zaýalanman saklanyjylygy 7-8 gün we uzak aralyga ibermäge ýaramlylygy gowy. Bu sortuň miweleri terligine iýmek üçin ulanylýar.

**Aýdere.** Agajy orta boýly, okara görnüşli gabarasyny emele getirýär. Jaňjagazlara meňzeş gülleri bolýar.

Miwesi togalak, iki gapdaly çala gysylan, sary reňkli, gabygynda köp sanly goýy goňras tegmilleri bolýar. Uzak aralyga daşamak üçin amatly.



40-njy surat. Şetdalynyň Aýdere sorty

Miwesiniň eti ýumşak, süýji we sary reňkli. Şänigi etinden ýeňil aýrylýar.

Miweleri iýul aýynyň 12-16-sy aralygynda bişip ýetişýär. Bu sortuň agajy gektardan 129-139 sentner hasyl berýär. Miweleriniň ýyglandan soň zaýalanman

saklanyjylygy 10 gün we uzak aralyga ibermäge ýaramlylygy gowy. Miweleri terligine iýilýär (*40-njy surat*).

**Elwan.** Agaçlary ösgün, 8 ýaşan agajyň 4,5-5 metr boýy bolýar. Agajynyň gabarasynyň depesi tegelek. Şahalarynyň ýygjamlygy, ýapraklarynyň gürlügi orta derejede.



*41-nji surat. Şetdalynyň Elwan sorty*

Nahal oturdylandan soň 3-nji ýylynda miwe getirip başlaýar. Miweleri uly-150-200 gram, çala süýnmegräkden togalak. Reňki gyzgylt-sary, dykyzlygy ortaça, suwly, tagamy ýakymly, gant maddasyny saklaýşy orta derejede.

Miweleri şahalarynda oňat saklanýar, zyýanly mör-möjeklere we kesellere durnukly.

Bu sortuň miweleri awgust aýynda ýetişýär. Her ýyl ýokary hasyl berýär. 8 ýaşan agaç ortaça 70-80 kilogram hasyl berýär (*41-nji surat*).

Aşa bişmezden birnäçe gün öň ýolnan miweler 10-15 günläp zaýalanman saklanyp bilýär. Uzak aralyga ibermäge ýaramlylygy gowy. Miweleri terligine iýilýär, kişde edilýär we gaýtadan işlenilýär.

**Injir şetdaly.** Agajynyň boýy orta beýiklikde bolýar, şetdaly şirejesine garşy durnukly. 2-3 ýaşynda miwe geirip ugraýar. Miweleri iri (100-120 gram), şekili ýasy, gyzgylt sary reňkli, suwly we hoşboý ysly, turşumtyk süýji tagamly, şänigi gyzgylt reňkde bolýar.

Awgust aýynda ýetişýär. 5-7 ýaşan agaç 35-50 kilogram hasyl berýär. Miweleriniň saklanyjylyk derejesi we uzak ýerlere ibermäge ýaramlylygy ýokary. Terligine iýilýär, kişde edilýär we gaýtadan işlenilýär.

**Gyrmyzy şetdaly.** Agajynyň beýikligi orta derejede, gabarasy ýaýraň, 2-3 ýaşynda miwe getirip başlaýar. Miweleri iri (150-180

gram), süýnmegräkden togalak şekilli, gapdaly gyzyl reňkli. Miwesiniň eti ak, şänigine golaýrak ýeri gyzgylt, suwly, tagamy gowy.

Awgust aýynyň ahyrynda hasyly ýetişýär. Hasyllylygy ýokary. 8 ýaşan agaç ortaça 80-100 kilogram hasyl berýär. Miwesiniň harytlyk hil-sypatlary, uzak ýerlere ibermäge ýaramlylygy we zaýalanman saklanyjylygy gowy. Miweleri terligine iýilýär, kişde edilýär we gaýtadan işlenilýär.

## Garalynyň sortlarynyň häsiýetnamasy

**Buýra.** Agajy ösgün, ýokarky şahalary ýaýraň ýerleşen, tegelenip duran gabarasynyň ýapraklary gür. Birneme gijräk gülleýär, 3-4 ýaşynda miwe getirip başlaýar. Miweleri orta ululykda (30-35 gram), çala süýnmekden togalak, ýokary depesi çukanajykly, aşak tarapy esasy oýtajyk bolýar. Miweleriniň reňki benewşe, eti sary, suwly, gant maddasy bilen turşulygy gatyşyp, ýakymly tagam emele getirýär. Şänikleri orta ululykda, süýnmek şekilli, goňur reňkli, miwäniň etinden aňsatlyk bilen aýrylýar (*42-nji surat*).

Hasyly awgust aýynyň başynda ýetişýär. Her ýyl ýokary hasyl berýär, her bir agaç 60-65 kilogram miwe getirýär. Miweleriniň zaýalanman saklanyjylygy 5-7 gün we uzak aralyga äkitmäge ýaramlylygy gowy. Bu sortuň miweleri terligine iýilýär we gaýtadan işlenilýär.



*42-nji surat. Garalynyň Buýra sorty*

**Gyzylja.** Agajy orta boýly, tegelenip duran ýaýraň gabarasynyň şahalary we ýapraklary gaty gür däl. Ir gülleýär, 2-3 ýaşynda miwe getirip başlaýar. Miweleriniň ululygy birmeňzeş däl (30-60 gram), aşak tarapy çala süýnmegräkden togalak ýa-da togalak şekilli, goýy



*43-nji surat.*
*Garalynyň Gyzylja sorty*

gyzyl reňkli. Miwäniň bütin boýuna uzalýan sepi gowy bildirip dur. Miwesiniň eti gyrmyzy reňkli, dykyz, suwly, gant maddasy bilen turşulygy gatyşyp, ýakymly tagam emele getirýär. Miwe gabygy gögümtil-benewşe reňkli, dykyz örtük bilen örtülen, şänigi ownuk (1,2-1,8 gram), süýnmek şekilli, miwäniň etine berk ýelmeşen ýagdaýda bolýar.

Miwesiniň bişip ýetişmegine 10-15 gün galanda miwesine mahsus reňke geçýär.

Miweleri iýulyň ortasynda ýetişip ugraýar, her agaç 60-70 kilogram hasyl berýär. Miweleriniň saklanyjylygy 5-6 gün we uzak aralyga äkitmäge ýaramlylygy gowy. Miweleri terligine iýilýär hem-de konditer önümçiliginde marmelad we żele taýýarlamak üçin peýdalanylýar (*43-nji surat*).



*44-nji surat. Garalynyň*
*Gyrmyzy sorty*

**Gyrmyzy.** Garalyny we erigi çaknyşdyryp döredilen sort. Agajynyň ösüş güýji ortaça, tegelenip duran ýaýraň gabarasynyň ýapraklary gür. Ir gülleýär, 2-3 ýaşynda miwe getirip başlaýar (*44-nji surat*).

Miweleriniň ululygy birmeňzeş däl, irileriniň agramy 50-110 grama ýetýär. Miwesiniň aşak tarapy çala süýnmegräk, depesi togalak şekilli. Miweleri göze ýakymly, gabygy gyzyl reňkli, akja nokatly bolýar. Miweleri gowy bişende gabygy miwäniň etinden aňsatlyk bilen aýrylýar.

Miwäniň eti sary, tagamy şüýji, hoşboý ysly. Şänigi süýnmek, iri (2,7-3,6 gram), goňras reňkli. Köplenç şahalary miweleriniň agramyna döwülýär.

Miweleri awgust aýynda bişip ýetişýär. Her ýyl gowy hasyl berýär, her bir agaç 60-70 kilogram miwe getirýär.

Miweleri ýyglandan soň 15 güne çenli zaýalanman saklanýar. Bu sortuň miweleri terligine iýilýär. Sowuga çydamsyz, ýylylygy köp talap edýär. Ýeňil düzümli, şorlaşmadyk topraklarda gowy ösýär.

Ýerasty suwuň derejesi ýakyn bolsa, kök ulgamy ösüşini haýalladýar we çüýredýär.

**Çendir.** Agajy berk, ösgün, tegelenip duran gabarasynyň depesiniň şahalary ýaýraň. Giç gülleýär (apreliň birinji ýarymynda), 4-5 ýaşynda miwe getirip başlaýar we güýçli ösýär. Bu sort öz-özüni tozanlandyrýar.

Miweleri iri (38-45 gram), köplenç togalak, käte bolsa ujy süýrüräk, gyzgylt-benewşe reňkli, gabygynyň aşagy sary bolýar. Gabygy gaty, dykyz, üsti küljümek. Miwesiniň eti dury, sargylt-ýaşyl reňkli, aksowult damarjagazlary bolýar, dykyzlygy ortaça, suwly, aram turşy, düzüminde köp mukdarda gant saklaýar. Şänigi ownuk (1,8-2,0 gram), iki tarapy hem süýnmegräkden togalak, aşa bişen miweleriniň etinden aňsatlyk bilen aýrylýar.

Miweleri gyradeň ýetişmeýär, awgustyň ahyrynda we sentýabryň ortasynda doly ýetişýär. Her ýyl ýokary hasyl berýär, her bir agaç 60-70 kilogram miwe getirýär. Miweleri bişende ýere dökülmeýär, ýygymdan soň 10 gün zaýalanman saklanýar. Uzak aralyga äkitmäge amatly sort hasaplanylýar.



*45-nji surat. Garalynyň Çendir sorty*

Peýdalanylyşy boýunça köp taraplaýyn ulanylýan sort. Topraga we iýmit maddalaryna talaby ýokary. Ýerasty suwlaryň ýakyn ýerleşýän ýerlerinde hem ösýär. Suw ýetmezçiliginde we gurak howaly şertlerde hem gowy ösüp



*46-njy surat. Garalynyň Galyň gabyk sorty*

hasyl berýär. Aýaza durnukly we gün şöhlesine çydamly, ýeňil ýaşartma kesimi netijesinde baldaklary güýçli ösýär (*45-nji surat*).

**Galyň gabyk.** Agajy gaty ösgün, gabarasy ýokaryk gitdigiçe giňeýär, şahalary ýaýraň, ýapraklarynyň gürlügi ortaça. Giç gülleýär, 5-6 ýaşynda miwe getirip başlaýar.

Miweleri iri, süýnmek (40-65 gram), depesiniň başy togalak, ujy süýnmek. Miwäni deň bolmadyk iki bölege bölýän gapdal sepi gowy bildirýär. Miweleri goýy gyzyl, benewşe öwüşginli, üsti küljümek. Gabygy galyň, berk, miwe gowy ýetişende, aňsat sypyrylýar. Miwesiniň eti goýy sary ýa-da goňras reňkli, howa degmegi bilen garalmaýar, näzik, süýümjikleri inçejik, süýjüligi ýokary, hoşboý ysly. Şänigi uly, 3,0-4,0 gram, miwesiniň etinden aňsat aýrylýar.

Miweleri giç, ýagny awgustyň ahyrlarynda, 15-20-nji sentýabrda ýetişýär. Her ýyl ýokary hasyl berýär, her bir agaç 70-80 kilogram miwe getirýär. Gaýtadan işlemeklik üçin ýygylan miweleri 30 günläp zaýalanman saklanýar. Uzak aralyga ibermäge ýaramly.

Terligine iýilýär, kişde edilýär, şeýle hem gaýtadan işlenilýär (*46-njy surat*).

Agajy ýerasty suwlaryň çuň ýerleşen, duzsuz, gurply toprakda gowy ösýär. Aýaza durnukly, garalynyň miwe gurçugy esasy zyýankeşidir.

**Benewşe.** Agajynyň orta derejede ösen gabarasy ýaýraň berk şahalardan ybarat bolup, tegelek şekili bar. Gijräk gülleýar, 4-5 ýaşynda miwe getirip başlaýar. Miweleriniň ululygy orta möçberde 33-37 gram, çala süýnmegräkden togalak, goýy benewşe reňkli, üsti küljerip dur. Gabygy ýuka, etinden aňsat sypyrylýar. Eti ýaşylymtyl sary, dykyz, suwly, tagamy süýji, hoşboý ysly. Şänikleriniň möçberi ortaça, 1,9-2,1 gram, ujy togalak, miwäniň etinden aýyrmasy kyn (*47-nji surat*).

Iýul aýynyň ortasynda hasyly tutuşlygyna ýetişýär. Yzygiderli ýokary hasyl (her agaçdan 70-80 kilogram) berýär. Aşa bişende miweleri ýere dökülýär. Ýygylan miweleri 10-15 günläp üýtgemän durýarlar. Uzak aralyga ibermäge ýaramly. Miweleri terligine iýilmekden başga-da kişde edilýär.



*47-nji surat. Garalynyň Benewşe sorty*

**Gök şarlawuk.** Agajynyň ösüş güýji ýokary, gabarasynyň ýaýraň şahalary bolýar. Ir gülleýär, 4-5 ýaşynda miwe getirip başlaýar. Miweleri orta ululykda (25-30 gram), ýumurtga şekilli, aşak tarapy çukanakly, miwesiniň reňki goýy gyrmyzy, benewşe öwüşginli, üsti küljümek.

Miwe gabygynyň üsti galyň gök gorag gatlagy bilen örtülendir. Eti sargylt-ýaşyl reňkli, näzik, suwly. Şänigi orta ululykda (1,5-1,9 gram), uzyn we insiz, süýri, miwäniň etinden aňsatlyk bilen aýrylýar (*48-nji surat*).



*48-nji surat. Garalynyň Gök şarlawuk sorty*

Miweleri awgust aýynyň ortasynda, sentýabryň başynda ýetişýär, agajyndan ýere dökülmän saklanýar. Yzygiderli ýokary hasyl berýär, her agajy 70-80 kilogram miwe getirýär. Miweleri ýolnandan soň, uzak wagtlap zaýalanman saklanyp bilýär, başga ýerlere ibermeklige ýaramlylygy gowy, terligine iýilmekden başga-da şireleri, marinad, mürepbe we kişde etmek üçin peýdalanylýar. Gurak toprakly ýerlerde pes hasyl berýär.

**Gök gabyk.** Güýçli ösýän agaç. Ýarym şar görnüşli uly gabarasy bolýar. Apreliň 10-yna çenli, ir gülleýär. Miweleri uly, şar görnüşli, miwe sapagyndan aşak dikligine çuňňur oýtajyklary bilen tapawutlanýar.

Agaçda bişen miweleri ýere dökülmän saklanýarlar. Miwe gabygy ýuka, ýumşak, etinden kynlyk bilen aýrylýar, goýy ýaşyl reňkli. Miwesiniň üsti ýukajyk gorag gatlakly. Miwesiniň eti hoşboý ýakymly ysly, ýaşyl reňkli, süýji, aýratyn tapawutlanýan tagamly. Şänigi orta ululykda, etinden aňsatlyk bilen aýrylýar (*49-njy surat*).

Miweleri awgustyň 25-den sentýabryň 10-yna çenli aralykda bişip ýetişýär. Çygly we ýokumly toprakda her bir agaçdan 85-95 kilogram miwe hasylyny berýär. Miweleri ýolnandan soň, uzak wagtlap zaýalanman saklanyp bilýär, uzak aralyga ibermeklige ýaramlylygy gowy. Miweleri terligine iýilýär.



*49-njy surat. Garalynyň Gök gabyk sorty*

**Gara kişde.** Agajy güýçli ösýän, ýokarky şahalary aşak sallanyp duran gabarasy bolup, 3-4 ýyldan miwe getirip başlaýar. Ýapraklary süýrümtil togalagrak şekilli.

Aprel aýynyň 8-10-ynda gülleýär. Sort öz-özüni tozanlandyrmaýar. Miweleri iri (40-43 gram), birmeňzeş süýrümtil togalagrak, goýy gök reňkli. Miwesiniň eti açyk garamtyl reňkli,

şekerliligi ortaça, tagamy turşumtyl-süýji. Miweleri doly bişende gara reňkli bolup, garaly kişdesini taýýarlamak üçin amatly. Miweleri şahalarda uzak saklanýar. Şänikleri miwe etinden ýeňillik bilen aýrylýar (*50-nji surat*).

Miweleri sentýabryň 8-15-ine bişip ýetişýär. 8-10 ýaşly agaçdan 95 kilogram hasyl alynýar. Miweleri ýolnandan soň uzak wagtlap saklanyp bilýär, uzak aralyga ibermeklige ýaramlylygy gowy. Bu sort terligine we gaýtadan işlemek üçin ulanylýar. Sowuga we gurakçylyga çydamly. Kesellere we zyýankeşlere durnukly.



*50-nji surat. Garalynyň Gara kişde sorty*



*51-nji surat. Garalynyň Iri miwe sorty*

**Iri miwe.** Agajy güýçli ösýär, ýokarsy ýiti depesi bolan şahalary bar, gür gabarasy bolýar. Oturdylandan soň 4-nji ýyl hasyla durýar. Sütün gabygy garamtyl-çal reňkli, büdür-südür, sütüni we şahalary uzaboýuna jaýrylýar. Ownukly-irili dürli ululykdaky ýapraklary bolýar (*51-nji surat*).

Ýapraklary galyň we ýüzi ýygyrtlydyr. Birýyllyk baldaklarynda we miwe getiriji şahajyklarynda 2-4 sany iri miwe pyntyklary ýerleşýär. Apreliň 10-20-sinde gülleýär.

Miweleri iri (40-50 gram), birmeňzeş ululykda, goýy gyzyl reňkli, ýumurtga şekilli, gabyk üsti gorag gatlakly. Bişen miweleri 5-6 günden soň şahasyndan ýere dökülýärler. Galyň miwe gabygy, etinden ýeňil aýrylýar, gögümtil reňkli. Miwesiniň eti ortaça süýri, şänigine ýakyn ýerleşen gatlagy turşumtyl tagamly. Şänigi iri, etinden aňsat aýrylýar.

Miweleri awgust aýynyň ahyrlaryna bişip ýetişýär. Her bir agaçdan ortaça 100 kilogram hasyl alynýar. Miweleri ýolnandan soň 7-9 günläp zaýalanman saklanýar, uzak aralyga ibermeklige ýaramlylygy gowy. Bu sort terligine iýilýär we kişde taýýarlamak üçin ulanylýar.

**Şapak garaly.** Agajy gaty ösgün, miweleri iri (40-56 gram), çala süýnmegräkden togalak, ýokary başynda oýtajygy bolýar. Gabygy gök öwsüp duran goýy gyrmyzy reňkli. Miwesiniň eti sargylt, gabygyna ýakyn ýeri gyzgylt, dykyz, suwly, hoşboý ysly, tagamy gowy. Şänigi orta möçberde (2-2,3 gram), miwesiniň etine berk ýelmeşen ýagdaýda bolýar.



*52-nji surat. Garalynyň Şapak sorty*

Miweleri iýun aýynyň üçünji ongünlüginde ýetişýär. Her ýyl hasyl berýär, 7 ýaşan agaç 50-70 kilogram miwe getirýär. Miweleriniň ýolnandan soň zaýalanman saklanyjylygy we uzak aralyga ibermeklige ýaramlylygy gowy. Miweleri terligine iýilýär we gaýtadan işlenilýär (*52-nji surat*).

## Alçanyň sortlarynyň häsiýetnamasy

**Tomus gözeli.** Tomus alça sorty S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň Magtymguly ylmy-önümçilik synag merkezinde döredildi.

Agajy ösgün, tegelek gabarasynyň şahalary ýaýraň, ýapraklary gür. Ir gülleýär, 2-3 ýaşynda miwe getirip başlaýar.

Miweleri iri (48-56 gram), birmeňzeş ululykda, togalak, depesi we aşak tarapy çukanakly. Gapdal sepi çala bildirýär.



*53-nji surat. Alçanyň Tomus gözeli sorty*

Miweleri owadan gyzyl-benewşe reňkli, üsti küljümek. Gabygy galyň, dykyz, aňsat sypyrylýar.

Miwesiniň eti sary, suwly, dykyzlygy ortaça, näzijek süýümleri bolýar. Gant maddasy we turşulygy gatyşyp, ýakymly tagam döredýär. Çala hoşboý ysly. Şänigi orta möçberde, süýnmek, goňras, miwesiniň etinden aýrylmasy kyn.

Miweleri iri, ýagny iýun aýynyň ortasynda ýetişýär (*53-nji surat*). Her ýyl gowy hasyl berýär, her agaç 60-65 kilogram miwe getirýär. Miweleriniň zaýalanman saklanyjylygy we uzak aralyga ibermäge ýaramlylygy gowy. Terligine iýmek we gaýtadan işlemek üçin gaty gowy sort.

**Gyzyl gabyk.** Alçanyň gyzyl gabyk sorty S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň Magtymguly ylmy-önümçilik synag merkezinde döredildi.

Agajy ösgün, gabarasynyň şahalary, ýapraklary gür, ýaýraň. Ir gülleýär, 2-3 ýaşynda miwe getirip başlaýar. Miweleri dürli ululykda (28-43 gram), iri we orta möçberli bolýar, togalak ýa-da ýapbaşygrak-togalak şekilli. Aşak tarapy oýtajyk. Gapdal sepi çala bildirýär. Miweleri gyrmyzy ýa-da goýy gyrmyzy, üsti küljümek. Gabygy berk, dykyz, aňsat sypyrylyp aýrylýar.



*54-nji surat. Alçanyň Gyzyl gabyk sorty*

Miwesiniň eti goýy sary reňkli, dykyzlygy ortaça, näzik, suwly. Şänigi ownuk (1,2-1,8 gram), süýnmek, miwesiniň etinden aýrylmaýar (*54-nji surat*).

Miweleri iýul aýynyň ortasynda bişip başlaýar. Hasyllylygy ýokary, her bir agaç 70-80 kilogram miwe getirýär. Miweleriniň saklanyjylygy we uzak aralyga ibermäge ýaramlylygy gowy. Terligine iýmek we gaýtadan işlemek üçin amatly sort.

**Ýakymly alça.** Agajy ösgün, gabarasynyň piramida şekilli depesiniň şahalary ýaýraň, ýapraklary gür. Ir gülleýär, 2-3 ýaşynda miwe getirip başlaýar.

Miweleri birmeňzeş, orta ölçegli (32-38 gram), togalak, aşak tarapy süýnmek, çukanakly. Miweleri gyzyl ýa-da gök öwsüp duran gyzyl reňkli bolýar. Gabygy galyň, dykyz, miwesinden aňsat sypyrylyp aýrylýar. Miwesiniň eti sary-goňras reňkli, dykyz. Gowy bişende suwly, ýakymly turşumtyk süýji tagamly bolýar. Miwesiniň hoşboý ysy bar.

Şänigi süýnmek, orta ölçegli (2,3-3,0 gram), goňur reňkli, miwesiniň etinden aýrylmasy kyn.

Miweleri iýul aýynyň başynda ýetişýär. Her ýyl ýokary hasyl berýär, her agajy 80-90 kilogram miwe getirýär. Miweleri ýyglandan soň saklamak, uzak aralyga ibermek, gaýtadan işlemek üçin ulanylýar.

**Gök soltan.** Gabarasy gür şahaly, gür ýaprakly, güýçli ösýän miweli agaçdyr. Miweleri iri (20-30 gram), togalak süýnmegräk şekillidir. Miwesiniň daş ýüzüniň oýtujagy mese-mälim bildirýär. Miwe gabygy goýy-gök tegmilli, açyk ýaşyl reňklidir. Eti örän süýji, ýumşak, ýakymly ysly, turşumtyl-süýji tagamly, açyk-sary reňklidir. Şänigi iri, miwe etinden aýrylmaýar.

Miweleri iýun aýynyň birinji ongünlüginde ýygyma taýýar bolýar. Doly bişen miweleri jaýrylýarlar. Hasyllylygy bir agaçdan 100 kilograma çenli miwe berýär. Miweleriň ýyglandan soň saklamaga ýaramlylygy ortaça. Çala bişen miweleri uzak aralyga ibermäge we gaýtadan işlemäge ýaramly.

Bu sortuň miweleri terligine iýmek we gaýtadan işlemek üçin ulanylýar. Sowuga aram durnukly, güýçli ýellere durnuksyz. Suwarymly toprakda gowy ösüp, ýokary hasyl berýär.

**Gyzyl maý.** Agajy orta boýly (3-4 metr), ýapraklary aralyk gürlükde, giň ýaýraň şahalar toplumy bilen tapawutlanýar. Mart aýynda gülleýär. Ýaş bag 2-3 ýaşynda miwe getirýär. Miweleri ownuk, (10-12 gram), ýasy-togalak şekilli, goýy gyzyl reňklidir.

Miwesiniň eti goýy gara, süýjüligi aralyk, turşumtyl-süýji tagamly. Şänigi togalak şekilli, agramy 0,5 gram, sary reňkli, miwesiniň etinden kynlyk bilen aýrylýar.



*55-nji surat. Alçanyň Gyzyl maý sorty*

Miweleri iri, ýagny 25-28-nji maý aralygynda bişip ýetişýär. Bir agajy 80-100 kilograma çenli miwe berýär. Miweleri ýyglandan soň saklamaga ýaramlylygy gowy. Çala bişen miweleri uzak aralyga daşamaga we gaýtadan işlemäge ýaramly. Miweleri terligine iýilýär we gaýtadan işlenilýär (*55-nji surat*).

**Altyn salkym.** Agajy güýçli ösýär, gür ýaprakly, ýaýraň şahaly bolýar. Ýaş bagy ikinji ýyl miwe getirip başlaýar. Mart aýynda gülleýär (*56-njy surat*).

Miweleri aralyk ululykda, agramy 28-30 gram, togalagrak süýnmek şekilli, goýy gyzgylt-sary reňkli. Miwe gabygynyň üsti gorag gatlagy bilen örtülen. Miwesiniň eti goýy gyzyl reňkli, dykyz, ýakymly ysly, turşumtyl-süýji, gowy tagamly.

Şänigi uzyn süýnmek, kiçijik, agramy 0,8-1,1 gram, symgylt reňkli, miwesiniň etinden kynlyk bilen aýrylýar.



*56-njy surat. Alçanyň Altyn salkym sorty*

Miweleri 10-15-nji iýul aralygynda bişip ýetişýär, her bir düýbi ýokary hasyl (100-120 kilogram) berijiligi bilen tapawutlanýar. Miweleri uzak aralyga daşamaga ýaramly, ýokary hilli, terligine iýmek we gaýtadan işlemek üçin ulanylýar. Zyýankeşlere we kesellere durnukly.

**Saraly.** Türkmen halk seleksiýasy tarapyndan döredilen sort. Agajynyň ösüş güýji gowy, tegelenip duran depesiniň şahalarynyň gürlügi ortaça, ýapraklary gaty gür däl, 4-5 ýaşynda miwe getirip başlaýar.

Miweleri birmeňzeşräk orta ululykda (25-32 gram), çala süýnmegräkden togalak şekilli, aşak tarapy oýtajyk. Miwesi gowy bişende sary bolup, howa degmegi bilen garalmaýar, inçejik süýümleri bolýar. Dykyzlygy, suwlulygy, gant maddalary ortaça, hoşboý ysy ýok. Tagamy orta hilli.

Şänikleriniň reňki goňur, ujy süýnmegräk, iri, 3,8-4,5 gram, miwesiniň etinden kynlyk bilen aýrylýar.

Yzygiderli ýokary hasyl (her agaçdan 60-70 kilogram) berýär. Bu sort terligine iýilmekden başga-da konditer önümçiliginde ulanylýar.

## Üljäniň sortlarynyň häsiýetnamasy

**Garrygala.** Üljäniň Garrygala sorty Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynda döredildi.

Agajy uzyn boýly, düýpden çykýan çybyklary bilen köpeldilýär. Baldaklary inçe, gür ýaprakly, ýaýraň togalak gabarasy bilen tapawutlanýar.

Ülje agajy ösüşiniň 2-3-nji ýylynda hasyl berip başlaýar, hasyllylygy ýyl geçdigiçe köpelýär we gyş aýlarynyň sowuk howasyna çydamly. Gülleri iki jynsly, öz-özüni tozanlandyrýar, miweleri ownuk, ortaça agramy 2 gram. Miwe doly bişende gabygy garamtyl ýaşyl reňklidir. Onuň tagamy turşumtyl-süýji. Miwe şiresi gögümtil-sary reňkli.

Miweleri 10-15-nji iýul aýynda bişip, ýygyma taýýar bolýar. Bir düýbünden 8-10 kilogram miwe alyp bolýar (*57-nji surat*). Miweleri ýyglandan soň saklanmaga ýaramlylygy gowy. Miweleri uzak aralyga daşamaga ýaramly, ýokary hilli, terligine iýmek we gaýtadan işlemek üçin ulanylýar.



*57-nji surat. Üljäniň Garrygala sorty*

**Saýwan üljesi**. Ýurdumyzda sort synagyndan geçirilip, welaýatlarymyzda ösdürilip ýetişdirilýär.

Gyrymsy we uly miweli bag görnüşinde ösýär. Ýabany nahala medeni pyntygyny sapyp, nahal ýetişdirmek bilen kö-

peldilýär. Gyrymsy bagyň boýy 2-2,5 metre, uly agajynyň boýy 3-4 metre ýetýär. Şahalarynyň gabygy tekiz çal reňkli, baldaklary inçe, aşak tarapa sallanyp durýar. Nahallar 3-4 ýyldan soň birýyllyk baldaklarynda miwe getirýär, sowuga çydamly (*58-nji surat*).



*58-nji surat. Üljäniň Saýwan sorty*

Miwesi togalak, ortaça agramy 3,8 gram. Miwe gabygy goýy gyzyl reňkli, şäniginiň agramy 0,5 gram, etinden aňsatlyk bilen aýrylýar.

Aprel aýynda gülleýär, 18-24-nji iýul aralygynda miweleri bişip ýetişýär. Hasyl berýän agajyndan 6-10 kilogram miwe hasyly ýygnalýar. Miweleri ýyglandan soň zaýalanman saklanmaga ýaramlylygy gowy. Miweleri uzak aralyga daşamak üçin amatly.

**Pordere.** Biziň ýurdumyzda uly we gyrymsy miweli bag görnüşinde duş gelýär. Baldaklary aşak tarapa sallanyp durýar, giň ýaýraň gabarasy, gür ýaprakly şahalary bolýar. Miwe getirýän bagyň boýy 3-3,5 metr, gülleri iki jynsly (*59-njy surat*).

Miweleri iri, agramy 5 grama çenli, togalak şekilli. Miwe gabygy goýy gyzyl reňkli. Miwesiniň eti turşumtyk-süýji tagamly. Gyş aýlary –17–18°C sowuga çydamly.

Miweleri 30-njy maýdan 10-njy iýun aralygynda bişip ýetişýär. Miwe berýän agajynyň hasyllylygy 12-14 kilograma çenli.



*59-njy surat. Üljäniň Pordere sorty*

Miweleriň ýyglandan soň saklanmaga ýaramlylygy gowy. Miweleri uzak aralyga daşamak üçin amatly.

**Irki Daýna.** Nahallary ýabany üljä bu sortuň pyntyklary sapylyp ösdürilip ýetişdirilýär. Ýurdumyzda daglyk ýerlerde gowy hasyl berýär we uzak ýyllaryň dowamynda ösýär. Gurakçylyga, yssa çydamsyz, sowuga durnuksyzdyr. Nahallary güýçli ösýär, 3-4-nji ýyl miwe berip başlaýar.

Ýapraklary uly, galyň, miweleri iri, togalak şekilli, ortaça agramy 7,4 gram. Miwe gabygy sarymtyl-gyzyl reňkli. Miwesiniň eti süýji tagamly, şänikleri iri, agymtyl reňkli, ýeňillik bilen miwe etinden aýrylýar.



*60-njy surat. Üljäniň Irki Daýna sorty*

Miweleri 15-nji maýdan 2-nji iýun aralygynda bişip ýetişýär. Hasyl berýän her düýbünden 12-14 kilogram miwe ýygnalýar. Miweleriniň zaýalanman saklanyjylygy gowy we uzak aralyga daşamaga amatly (*60-njy surat*). Miweleri terligine iýilýär we gaýtadan işlenilýär.

## Çereşnýanyň sortlarynyň häsiýetnamasy

**Gyzyl nohur.** Güýçli ösýän agaç, selçeň, giň, ýaýraň gabarasy bolýar. Ýaş miweli baglary oturdylandan soň 5-nji ýyl hasyl berýär.

Pyntyklary iri, 15-18-nji aprelde gülleýär.

Miweleri iri (4,7 g), sarymtyl-gyzgylt reňkli, dykyz, tagamy gaty süýji. Miwe şiresi reňksiz, miwe gabygy galyň, açyk gyzyl reňkli. Ownuk togalak şänikleri bolup, etinden ýeňil aýrylýar (*61-nji surat*).



*61-nji surat. Çereşnýanyň Gyzyl nohur sorty*

Maý aýynyň aýagyna, iýun aýynyň başyna bişip ýetişýär. Sortuň miweli düýbünden 145-160 kilogram hasyl alynýar. Miweleriniň zaýalanman saklanyjylygy gowy we uzak aralyga daşamak üçin amatly.

Bu sortuň miweleri terligine we gaýtadan işlemek üçin ulanylýar. Dökünlenen gurply toprakda gowy düýp tutup, ýokary hasyl berýär.

**Gara gözel.** Güýçli ösýän agaç, gür, ýaýraň gabarasy bolýar. Ýaş miweli baglary oturdylandan soň, 3-4-nji ýyl hasyl berýär.

Miweleri iri (4,0-4,3 gram), garamtyl-gyzylymtyl reňkli. Miweleriniň tagamy gaty süýji. Miwe şiresi reňksiz, miwe gabygy galyň, açyk gyzyl reňkli.

Maý aýynyň üçünji ongünlüginde bişip ýetişýär. Sortuň miweli düýbünden 55-60 kilogram hasyl alynýar. Miweleriniň zaýalanman saklanyjylygy gowy we uzak aralyga daşamak üçin ýaramly.

Bu sortuň miweleri terligine we gaýtadan işlemek üçin ulanylýar.

## MIWELI BAGLARY ÖSDÜRIP ÝETIŞDIRMEGIŇ AGROTEHNIKASY

Agrotehniki çäreler kadaly ýerine ýetirilende, miweli baglar öz wagtynda hasyla durýarlar we bol hasyl bermäge ukyply bolýarlar. Ýaş agaçlaryň oňat düýp almagy we olaryň öz wagtynda hasyla durmagy üçin agrotehniki çäreleriň ýokary hilli ýerine ýetirilmegi möhümdir. Oturdylan ýaş nahallaryň doly düýp tutmagy, kök ulgamynyň dikelmegi, baldaklaryň oňat ösmegi, soňky 2-3 ýylyň dowamynda bolsa olaryň ykjam ösüp boý almagy üçin, topragy öz wagtynda işläp bejermek, wagtly-wagtynda suwarmak, şahalaryny kesişdirip timarlamak, şonuň ýaly hem ösüş döwründe olary zyýanly mör-möjeklerden we kesellerden goramak zerurdyr.

**Miweli baglaryň düýbüni tutmak üçin ýer saýlamak.** Miweli baglaryň oturdyljak ýeriniň topragy gurply, ýerasty suwlary 3-4 metr çuňlukda, şorlaşmadyk, aralyk we ýeňil mehaniki düzümi bolan ekerançylyga ýaramly ýerler bolmaly.

**Sürümden öň dökün bermek.** Täze düýbi tutulan bagdaky oturdylan nahallaryň oňat düýp tutup, ösmegi üçin, şol meýdana sürüm geçirilmezden öň organiki we mineral dökünleri bermelidir. Şonda gektara 30-40 tonna ders, 400 kilogram superfosfat, 100 kilogram hlorly kaliý we 100 kilogram karbamid dökünlerini bermeklik maslahat berilýär. Bu işi geçirmegiň amatly möhleti ýurdumyzyň günorta etraplarynda 25-nji oktýabrdan 10-njy noýabra, demirgazyk etraplarynda bolsa 1-nji noýabrdan 10-njy dekabra çenlidir.

**Haşal otlardan arassalamak we sürüm geçirmek.** Sürümden öň agaç oturdyljak ýerler daşlardan, beýleki ösümlikleriň galyndylaryndan, iri haşal otlardan arassalanylýar. Gamyş, çaýyr ýaly köpýyllyk

haşal otlara garşy sprut, entoglifos, sonraund ýaly gerbisidleriň birini 6-8 l/ga kadada sepmeli. Gerbisid sepilenden 15-20 gün soň iki gatly azallar bilen 50-60 sm çuňlukda şüdügär sürümi geçirilmelidir. Bu işi geçirmegiň amatly möhleti ýurdumyzyň günorta etraplarynda noýabr aýynyň 1-inden 15-ine çenli, Daşoguz welaýatynda we Lebap welaýatynyň demirgazyk etraplarynda bolsa noýabr aýynyň 1-inden dekabr aýynyň 10-yna çenli bolan döwür hasaplanýar.

**Ýerleri tekizlemek we topragy taýýarlamak.** Meýdanlaryň oňat tekizlenmegi agaçlaryň endigan suwarylmagyny we netijede olaryň kadaly düýp tutmagyny, öz wagtynda hasyla durmagyny üpjün edýän möhüm agrotehniki çäredir. Bag oturdyljak ýerler sürümden soň tekizleýjiler bilen atanaklaýyn endigan tekizlenmelidir. Ýerler tekizlenenden soň miweli baglaryň nahallaryny oturtmak üçin teklip edilýän çyzgytlar boýunça çukurlar gazylýar. Çukurlaryň çuňlugy 50-60 *sm*, giňligi 60-70 *sm* bolmaly. Bu işi geçirmekligiň amatly möhleti ýurdumyzyň günorta etraplarynda 5-nji noýabrdan 20-nji noýabra, demirgazyk etraplarynda bolsa 25-nji fewraldan 5-nji aprele çenlidir.

**Miweli baglaryň görnüşlerini saýlap almak.** Baglaryň düýbi tutulanda miweli baglaryň görnüşlerini we sortlaryny saýlap almak esasy wezipe hasaplanylýar. Ýerli toprak-howa şertlerine baglylykda, miweli baglary ösdürip ýetişdirmek üçin maslahat berilýän görnüşleri:

1. Ahal, Mary we Lebap welaýatynyň günorta etraplarynda: alma, armyt, erik, şetdaly, garaly, alça, nar, injir, hurma, pisse, hoz we badam.

2. Balkan welaýatynyň Magtymguly, Etrek etraplarynda: nar, injir, hurma, zeýtun, endap, erik, hoz, ülje, badam, alma, armyt we şetdaly.

3. Balkan welaýatynyň Serdar, Bereket etraplarynda: alma, armyt, beýi, erik, garaly, alça we şetdaly.

4. Daşoguz welaýatynda we Lebap welaýatynyň demirgazyk etraplarynda: alma, armyt, beýi, erik, şetdaly, alça we garaly.

## Miweli baglary ösdürip ýetişdirmek üçin maslahat berilýän sortlary:

*Alma* – Gyzyl ýaňak, Sowgat, Altynsow ajaýyp, Nowaýy, Altyn guýma, Sary gabyk, Gyzyl meňiz, Ak altyn, Şapak, Altyn çigit, Çüliniň gök almasy, Gyzyl gabyk, Hasylly, Ak guýma, Gök alma, Menekli gyzyl, Irki gyrmyzy we ş.m.

*Armyt* – Gyzyl sapak, Merdem, Sähra gözeli, Sary Saýwan, Altynsow, Altyn gabyk, Türkmen gözeli, Sary armyt, Köpetdag we ş.m.

*Beýi* – Iri miweli, Hasylly, Sary ýygyrtly, Sary togalak, Änew, Ýeňiji we ş.m.

*Erik* – Ternaw, Garrygala–1305, Irki summar, Altyn şöhle, Gyzyl ýaňak, Gülgüne erik, Giçki nohur, Ýaşlyk, Giçki hurmaýy, Saýwan, Nowaýynyň şanlysy, Ak şekerek, Sary suwhan, Gyzyl hurmaýy we ş.m.

*Şetdaly* – Ak Farap, Altynsow şanly, Gülşen, Jeýhun, Aýdere, Elwan, Injir şetdaly, Gyrmyzy şetdaly we ş.m.

*Garaly* – Buýra, Gyzylja, Gyrmyzy, Çendir, Galyň gabyk, Benewşe, Gök şarlawuk, Gök gabyk, Gara kişde, Iri miwe, Şapak we ş.m.

*Alça* – Tomus gözeli, Gyzyl gabyk, Ýakymly, Gök soltan, Gyzyl maý, Altyn salkym, Saraly we ş.m.

*Ülje* – Garrygala, Saýwan, Pordere, Irki daýna we ş.m.

*Çereşnýa* – Gyzyl nohur, Gara gözel we ş.m.

**Miweli baglary oturtmak.** Miweli baglar ýerleşdirilende, esasy we tozanlandyryjy sortlaryň gülleýän hem-de miwesiniň bişýän wagty deň gelmelidir. Eger-de esasy sort ir ýazda bişýän bolsa, tozanlandyryjysy hem şol döwürde bişýän bolmalydyr. Düýbi tutulýan bagda oturdylýan bag nahallaryny görnüşlerine baglylykda, çyzgyt boýunça ýerleşdirmelidir. Oturdylan agaçlaryň hatararalary tehnika bilen bejergi geçirmek üçin amatly bolmalydyr. Ekilýän bagyň görnüşine baglylykda, olaryň nahallaryny şu aşakdaky çyzgytlar boýunça oturtmaklyk maslahat berilýär:

Alma: 3×1 *m*, 3×2*m*, 4×1 *m*, 4×2*m* (pes boýly), 5×3 *m*, 5×4 *m* 6×3 m, 6×4 *m* (orta boýly) we 7×5 *m*, 8×6 *m* (ösgün boýly);

Armyt: 4×2 *m*, 4×3 *m* (pes boýly), 5×3 *m*, 5×4 *m* (orta boýly) we 6×5 *m*, 7×5 *m* (ösgün boýly);

Erik: 8×6 *m*, 6×5 *m*;

Beýi, şetdaly, nar: 5×3, 5×4 *m*;

Garaly, alça: 5×4 *m*, 6×5 *m*, 6×4 *m*;

Ülje, çereşnýa: 6×5 *m*, 6×4 *m*.

Ahal, Balkan, Mary welaýatlarynda we Lebap welaýatynyň günorta etraplarynda miweli baglary iki möhletde: güýz – 10-njy noýabrdan 5-nji dekabra hem-de baharda – 25-nji fewraldan 30-njy marta çenli, Daşoguz welaýatynda we Lebap welaýatynyň demirgazygynda diňe baharda – 5-nji martdan 5-nji aprele çenli oturdylýar. Nahallar güýzde oturdylanda onuň düýbi kök boýnunyň 3-4 sm ýokary ýanyndan, ýazda oturdylanda bolsa 2-3 sm ýokary ýanyndan topraga gömülmelidir. Sapylan miweli baglar oturdylanda sapylan ýeri topraga gömülmeli däldir, ýagny 5-6 sm ýerden ýokarda bolmalydyr. Şonuň ýaly-da sapylan tarapy şemalyň güýçli öwüsýän ugruna bakdyrylmaly däldir. Şeýle hem, ýaş bag göni öser ýaly beýikligi 50-60 sm-den pes bolmadyk gazyklar kakylyp, olara nahallar ýüp bilen daňylýar. Bu işi geçirmek nahalyň kadaly düýp tutmagy üçin hem zerurdyr.

**Oturdylan nahallary suwarmak.** Güýzde nahallar oturdylandan soňra olara 10-njy noýabrdan 5-nji dekabra çenli we ýazda 25-nji fewraldan 30-njy marta çenli gektara 500-600 $m^3$ hasabynda suw tutulýar.

**Yzgar suwuny tutmak.** Ýaş baglara ýylda gyş aýlarynda 2 gezek yzgar suwy tutulýar. Birinjisi 10-njy ýanwardan 30-njy ýanwara çenli gektara 1500 $m^3$, ikinjisi 10-njy fewraldan 28-nji fewrala çenli 2000 $m^3$ suw harçlanýar. Ýerasty suwlaryň derejesi ýokary bolan ýerlerde gyşyna suw tutulmaýar.

Hasyl berýän baglara birinji yzgar suwy 10-njy ýanwardan 30-njy ýanwara çenli gektara 1500 $m^3$, ikinjisi bolsa 10-njy fewraldan 28-nji fewrala çenli gektara 2000 $m^3$ hasabynda berilýär.

**Baglary dökün bilen iýmitlendirmek.** Ýaş baglaryň kadaly ösüp, hasyl berip başlamagyny gazanmak üçin, olary ders we azotly dökünler bilen iýmitlendirmek zerurdyr. Miweli baglar kadaly iýmitlener ýaly gara malyň ýanan dersi suw bilen garylyp “şerbet“ usulynda hem berilýär.

Ýaş baglar ösüş döwrüniň dowamynda 2 gezek: 1-nji gezek gektara ammiak selitrasy 100-150 kilogram (günorta etraplarda 01-20.05, demirgazyk etraplarda 05-25.05), 2-nji gezek 150-200 kilogram (günorta etraplarda 10-25.06, demirgazyk etraplarda 15-30.06) kadada iýmitlendirilýär.

Hasyl berýän baglary 2 gezek: 1-nji gezek ammiak selitrasy gektara 180-200 kilogram (günorta etraplarda 01-20.05, demirgazyk etraplarda 05-25.05), 2-nji gezek 180-200 kilogram (günorta etraplarda 10-25.06, demirgazyk etraplarda 15-30.06) kadada iýmitlendirmeli.

Hasyl berýän miweli baglardan ýokary hasyl almakda güýz-gyş döwründe olary dökünlemegiň ähmiýeti uludyr. Bu döwürde her 3-4 ýyldan bir gezek gektara 30-40 tonna ders, her ýylda 600 kilogram superfosfat (400 *kg/ga* – güýzde, 200 *kg/ga* – ýazda sürümiň aşagyna), 100 kilogram hlorly kaliý (ýazky sürümiň aşagyna) we 125 kilogram karbamid berilmelidir. Dökünlemegiň amatly möhleti güýz paslynda Ahal, Balkan, Mary welaýatlary we Lebap welaýatynyň günorta etraplary üçin 5-nji noýabrdan 10-njy dekabra çenli, ýazda 1-nji martdan 30-njy marta çenli, güýz paslynda Daşoguz welaýaty we Lebap welaýatynyň demirgazyk etraplary üçin 1-nji noýabrdan 5-nji dekabra çenli, ýazda bolsa 15-nji martdan 10-njy aprele çenlidir.

**Ösüş suwlaryny tutmak.** Ýaş baglara 8-10 gezek gektara 500-600 m$^3$ hasabynda ösüş suwlaryny tutmak maslahat berilýär. Suw tutmagyň takmynan möhletleri we sany: aprel aýynda 1, maý, iýun, iýul, awgust aýlarynda her aýda 2 we sentýabr aýynda-da 1 gezek suwarylýar. Ýaş baglary sentýabryň ikinji ongünlüginden soň suw tutulmaýar.

Hasyl berýän miweli baglarda bolsa 5-6 gezek 800-900 m$^3$ hasabynda ösüş suwlaryny tutmak maslahat berilýär. Hasyl berýän miweli

baglara suw tutmagyň takmynan möhletleri we sany: maý, iýun aýlarynda her aýda 1, iýul, awgust aýlarynda-da her aýda 2 gezek suwarylýar. Hasyl berýän miweli baglary sentýabryň ikinji ongünlüginden soň suw tutulmaýar. Ýaş we hasyl berýän miweli baglar dökün bilen iýmitlendirilenden soň suw tutmaly.

Intensiw bagçylykda gysga (karlik) boýly miweli agaçlar ösdürilip ýetişdirilende, ösüş döwrüniň dowamynda 10-12 gezek, toprak--howa şertlerine baglylykda her 15 günden gektara 500-600 $m^3$ hasabynda suw tutulýar.

**Baglaryň hatararalaryny bejermek.** Ýaş baglaryň hatararalaryny haşal otlardan arassalamak we topragyň yzgar saklaýjylygyny hem-de suw geçirijiligini kadalaşdyrmak üçin ýylyň dowamynda çizeliň kömegi bilen 4 gezek, ýagny maý, iýun, iýul we awgust aýlarynda 18-20 sm çuňlukda bejergi geçirilýär.

Her ýylyň güýz we ýaz pasyllarynda miweli baglaryň hatararalary 30-35 santimetr çuňlukda sürülip agdarylýar. Bu işi geçirmegiň amatly möhleti güýzde 10-njy noýabrdan 15-nji dekabra çenli we ýazda bolsa mart aýynda ýerine ýetirilýär.

**Miweli baglary kesmek we timarlamak.** Baglaryň tiz hasyla durmagyny üpjün etmek maksady bilen ýaş baglarda hem-de hasyl berýän baglarda ýylda kesmek, timarlamak işi geçirilýär. Kesmek işleri geçirilende, ilki bilen guran, döwlen, tehnikanyň işlemegine päsgel berýän, kesellän şahalar kesilip aýrylýar. Ondan soň beýleki şahalar kesilip, baglar timarlanýar. Miweli baglary kesmek we timarlamak çäreleri gyş aýlary ýerine ýetirilýär. Bu iş howanyň tempraturasy 0°C-den ýokary bolanda, 15-nji dekabrdan 20-nji fewrala çenli, ýurdumyzyň demirgazyk etraplarynda bolsa 20-nji fewraldan 20-nji marta çenli döwürde geçirmeklik maslahat berilýär. Birinji nobatda, ir alabaharda gülleýän badam, ülje, şetdaly, erik agaçlaryny kesmeli we timarlamaly. Miweli baglar 2 usulda kesilýär, ýagny ýüzleý geçirilýän we düýpli geçirilýän kesim ulanylýar. Ýüzleý geçilýän kesimde guran, zeper ýeten, keselli birýyllyk we köpýyllyk şahalary kesilip aýrylýar hem-de geçen ýylky birýyllyk baldaklaryň 3/2 bölegi gysgaldylyp aýrylýar. Düýpli geçirilýän kesimde bagyň birýyllyk we köpýyllyk

şahalarynyň hemmesi kesilip gysgaldylýar. Miweli baglaryň gabarasy şu aşakdaky talaplara laýyk gelmelidir:

- howa we ýagtylyk agajyň şahalaryna erkin aralaşar ýaly, onda birmeňzeş göni sütünli hasyl şahalary agajyň sütüninde we töweregiňde endigan ýerleşmelidir.
- agajyň şahalarynda emele gelen bol hasyly söýgetsiz göterip biler ýaly, agajyň esasy sütüni bilen mäkäm birleşmelidir.

**Baglaryň düýbünden çykan ösüntgilerini aýyrmak.** Baglaryň köp görnüşi sütüninden we kökünden ösüntgileri çykarýarlar. Olar öz wagtynda aýrylmasa, belli bir derejede hasylyň peselmegine getirýär. Şonuň üçin baglaryň sütüninden we kökünden çykýan ösüntgileri 1-nji maýdan 15-nji sentýabr aralygynda yzygiderli aýryp durmaly.

**Miweli baglary ir baharda sowukdan goramak.** Hasyl berýän şänikli miweli baglar, ýagny badam bagy fewral aýynyň aýagyna, şetdaly we erik baglary martda gülleýär. Şu döwürde howanyň –1,5–3,0°C-a çenli sowamagy güllere uly zyýan ýetirmeýär. Emma howanyň ýazky aýazy -4°C-a çenli aşak düşse, miweli baglaryň gunçalaryna, güllerine we miwe düwünçeklerine uly zyýan ýetirýär. Şeýle ýagdaýda baglara suw tutmak, hatararalarynda tüsse döredýän ders garyndyly saman ýakmak maslahat berilýär.

**Miweli bagyň hasylyny gorap saklamak.** Miweli bagyň hasylyny gorap saklamak üçin, bol hasyl getiren şahalary döwülmekden, jaýrylmakdan goramak üçin hasylly şahalaryna direg edilýär. Miweli baglar oturdylanda, deň gülleýän we miweleri bir wagtda bişip ýetişýän sortlardan tozanlandyryjy sortlar oturdylmalydyr. Esasy sortlaryň 8-10 hataryndan soň 2 hatar tozanlandyryjy sortlar oturdylmaly.

Miweli baglaryň oňat tozanlanmagy we tozanlandyrylmagy üçin 5 ga meýdana bir balary maşgalasyny goýmak maslahat berilýär. Miweli baglaryň hatarlary gündogardan günbatara tarap goýulsa, Gün deň derejede endigan düşýär.

## MIWELI BAGLARDA DUŞ GELÝÄN ESASY KESELLER WE ZYÝANKEŞLER

**Miweli baglarda duş gelýän keseller we olara garşy göreş çäreleri.** Miweli agaçlar ösdürilip ýetişdirilende, birnäçe görnüşli keseller we zyýanly mör-möjekler ýüze çykyp, hasylyň möçberiniň, hiliniň peselmegine we agaçlaryň guramagyna getirýär. Bu kesellere, esasan, çigitli agaçlaryň un-çaň, goturlama keselleri, şäniklileriň menekleme (klýasterosporioz) we inteksion gurama (sitosporioz) keselleri we ş.m. duş gelýär.

**Klýasterosporioz** (ýapraklaryň tegmilläp deşilmegi, miweleriň tegmillemegi, meneklemegi) keseli *Çlasterosporium earpophilum Aderh.* kömelegi döredýär. Klýasterosporioz bilen miwesi şänikli agaçlaryň ähli görnüşi, ýagny erik, şetdaly, garaly, ülje, alça, çereşnýa we badam keselleýär. Klýasterosporioz miweli agaçlaryň howply keseli bolup, ol, esasan, agajyň baldagyna, ýapragyna, pyntygyna, gülüne we miwelerine degýär. Keseli dörediji kömelek miseliý, konidiý we hlamidospora görnüşde (kömelegiň ösüş ýaşlary) baldaklarda hem-de şahalarda gyşlaýar. Sporalar şahalaryň, baldaklaryň gabygynda, gabygyň aşagynda bolýar, hatda agajyň içki süýümlerine geçip, birnäçe ýyllap işjeňligini saklap bilýär. Ir ýaz aýlarynda, howanyň ýylylygynyň 18-22°C-a ýetmegi bilen, kömelegiň gyşlan sporalarynyň ösmegi we daş-töwerege ýaýramagy başlanýar.

Keseliň ýüze çykmagy we ýaýramagy, aýratyn-da ýagşyň yzygiderli köp ýagýan ýyllarda, dumanly, çygly günlerde has-da güýçlenýär. Agajyň kesellän ýerlerinden, ýagny emele gelen ýaralardan, çişlerden, şepbiklerden ýagşyň, çygyň täsiri netijesinde kömelegiň sporalary daş-töwerege çykýar, sporalaryň daşynda ýapyşmak üçin şepbeşik madda emele gelýär we ýaş ýapraklara, baldaklara, gülle-

re we pyntyklara degip, olary keselledýär. Agajyň synalarynda ýaryjyklaryň, mehaniki bozulmalaryň bolmagy keseliň ýokuşmagyny has ýokarlandyrýar. Geçiren tejribelerimizde erigiň hurmaýy sortuna emeli usulda kesel ýokuşdyrylanda, keseliň ilkinji alamatlary 40-50 günden ýüze çykdy. Bu ýagdaý klýasterosporioza garşy göreş çäreleriniň irki döwürde, ýagny agaçlar pyntyklap başlamanka geçirilmelidigini subut edýär. Keseli dörediji sporalar daş-töwerege, esasan, şemalyň, mör-möjekleriň (sorujy zyýankeşleriň) üsti bilen ýaýraýar (*62-nji surat*).



*62-nji surat. Miweli baglaryň klýasterosporioz keseli*

Sagdyn agaçlaryň klýasterosporioz bilen kesellemegi möwsümiň bütin dowamynda bolup biler, aýratyn hem idegi pes bolup, haly gowşan agaçlar bu kesel bilen köp we güýçli keselleýärler. Mysal

üçin, 2019-njy ýylyň ýaz aýlarynda yzygiderli ýagyşlaryň ýagmagy we howanyň maýyl bolmagy netijesinde Ahal welaýatynyň çäklerinde ekilen miweli agaçlarda, aýratyn hem erikde klýasterosporioz keseli köpçülikleýin ýüze çykdy we uly hasyl ýitgisini emele getirdi.

Keseliň daşky alamatlary kesellän synanyň görnüşine baglylykda dürli hili bolup biler. Klýasterosporioz bilen kesellän ýapraklarda ilkibada daşy goňur reňkli keşde şekilli tegmil bilen aýlanan açyk goňur tegmiller ýüze çykýar, soňra olaryň ortasy gurap, deşijek emele gelýär. Şol sebäpli, bu kesel, başgaça, ýapraklaryň deşilmegi diýlip hem atlandyrylýar.

Pyntyklaryň bu keselleýiş derejesi has ýokary bolýar, hatda olar eýýäm güýz aýlarynda keselleýärler, ýaz aýlaryna çenli bolsa kesellän pyntyklar garamtyl-goňur reňke geçip, guraýarlar. Miwelerde 2-3 *mm*-e çenli ululykda gyzylymtyl-goňur, mämişi tegmiller emele gelýär, olar gelşiksiz görnüşe geçýär, çüýreýär we guraýar. Baldaklarda we şahalarda ýaralar, çişler, ýaryjyklar emele gelýär, olardan şeppik görnüşli maddalar bölünip çykýar.

**Monilioz ýa-da miwäniň çal reňkli çüýremesi keselini** *Monilia laxa Her.* kömelegi döredýär. Bu kesel bilen erik, alça, ülje, çereşnýa, şetdaly, badam, alma we armyt keselleýär. Kesel esasan pynyklara, baldaklara, güllere, şahalara degýär we agajyň doly guramagyna getirýär. Kesellän miwelerde çal reňkli, tertipsiz ýerleşen, ululygy 0,5-1 *mm* bolan ýassyjak görnüşli kömelegiň çişjagazlary ýüze çykýar,




*63-nji surat. Miweli baglaryň miwe çüýreme keseli (1) almada, garalyda (2)*

miweler çüýräp, iýmäge we gaýtadan işlemäge ýaramsyz bolýar (*63-nji surat*). Güllerde we ýapraklarda ýanyga meňzeş, sarymtyl-goňur reňkli sülleren zolaklar emele gelýär. Şonuň üçin bu kesele başgaça monilioz ýanygy hem diýilýär. Kesellän baldaklarda we şahalarda guran ýerler (nekroz) ýüze çykýar.

Keseli dörediji *Monilia laxa miseliýa* ýaş agajyň kesellän baldaklarynda, şahalarynda ýa-da keselläp ýere gaçan miwelerde gyşlaýar. Kesellän agaçda ilkinji alamatlar onuň gülläp başlaýan döwründe ýüze çykýar. Kömelek güle onuň tohumlanýan tumşujagy arkaly aralaşýar, şol ýerden gabyk süýümine düşüp, baldaklara we şahalara ýaýraýar, onuň iýmitlenmegi netijesinde kesellän synalar guraýar. Moniliozyň köpçülikleýin ýüze çykmagyna agaçlaryň gülleýän döwründe yzygiderli salkyn we çygly howalaryň (ýagyşlaryň ýagmagy, dumanlaryň bolmagy) saklanmagy oňaýly täsir edýär. Sporalar howanyň gyzgynlygy 20-21°C dereje bolanda, has oňat ösüp, daş-töwerege çaltlyk bilen ýaýraýar.

**Akdüşme keselini** *Podosphaera leueotrieha Salm.* kömelegi döredýär we esasanam, alma we armyt baglary keselleýär. Bu kesel baglaryň agajynyň ýerüsti böleginiň ähli synalaryna degýär. Ir ýazda açylan güllerde unjumak maddalar (kömelegiň sporalary) ýüze çykýar. Kesellän güllerden miwe emele gelmeýär, olar köplenç guraýar we ýere gaçýar. Şol ýerden kömelegiň sporalary ýapraklara, baldaklara geçip, olary keselledýär. Kesellän ýapraklarda-da unjumak ak reňkli maddalar ýüze çykýar, wagtyň geçmegi bilen olar goşulyşyp, ýapragyň üstüni doly tutýar we ýapraklar towlanyp, guraýar. Kesel degen ýaş pyntyklar ösüşini togtadýar, goňur reňke geçip, guraýar. Kesellän ýaşajyk miweler köpçülikleýin üzülip ýere gaçýar. Akdüşme bilen aýratyn-da ýaş nahallar köp we güýçli keselleýär. Ýetişdirilýän nahallaryň 20-50%-i mundan beýläk ösdürilip ýetişdirilmäge ýaramsyz bolýar, olaryň sowuga çydamlylygy peselýär. Miwe getirýän agaçlaryň hasyllylygy 80%-e çenli azalýar.

***Kesellere garşy göreş çäreleri.*** Baglarda geçirilýän ideg işlerini talabalaýyk alyp baryp, agaçlaryň kesellere durnuklylygyny ýokarlandyrmaly. Güýzde kesellän baldaklary, şahalary 3-5 *sm* sagdyn

ýeri bilen gyrkyp aýyrmaly we olary ýörite ýerde otlamaly. Baglarda emele gelen ýaralary, çişleri we jaýryklary kümüş kuporosynyň 15%-li ergini bilen işlemeli, ýörite ýaglary çalyp bejermeli. Bagda ýüze çykan zyýanly mör-möjeklere, haşal otlara garşy göreşmeli. Güýzde ýapraklar gaçyp başlanda, agaçlara 3%-li bordos erginini, ýazda bolsa pyntyklamazdan öň (fewral), gülländen 15-20 günden soň, üçünji gezek 1%-li bordos erginini sepmeli.

***Bordos erginini taýýarlamagyň usuly.*** 100 litr suwa 1%-li bordos erginini taýýarlamak üçin, 1 kilogram misiň kuporosy we 1 kilogram sönmedik hek ýa-da 2 kilogram sönen hek gerek bolýar. Suwuklyk (ergin) agaç gaplarda taýýarlanylýar. Bir çelekde ilki 1 kilogram hek söndürilýär we oňa 50 litr suw goşulyp, süzülýär hem-de hek süýdi alynýar. Beýleki çelekde 1 kilogram misiň kuporosy 50 litr gyzgyn suwda eredilýär. Soňra misiň kuporosynyň erän suw erginini yzygiderli garyp, hek suwuna goşmaly (tersine däl!). Bordos erginini ulanmagyň öňüsyrasynda taýýarlamaly. Taýýar bolan ergin asman reňkli (gögümtil), şepbeşik bolmaly. Hek az bolan bolsa, onuň reňki ýaşylymtyl bolýar we agaçlary ýakmagy mümkindir. Şol sebäpli oňa goşmaça hek goşmaly.

Häzirki döwürde dünýä tejribesinde düzümindäki täsir ediji maddasy siprodinil (horus 0,35 *kg/ga*), tiram (granuflo, 3,0 *kg/ga*) we kümşüň hlorokisi (abiga-pik, 10 *l/ga*) bolan fungisidler miweli baglaryň kesellerine garşy üstünlikli ulanylýar. Miweli baglarda agrotehniki çäreleri öz wagtynda talabalaýyk alnyp barlanda hem--de zyýanberijilere garşy toplumlaýyn göreş çäreleri ýylyň bütin dowamynda yzygiderli geçirilende, agaçlar sagdyn ösýär we ýokary hasylyň alynmagyna ýardam edýär.

**Miweli baglarda duş gelýän zyýankeşler we olara garşy göreş çäreleri.** Miweli baglarda duş gelýän esasy zyýankeşlere zlatkalar, gabyk (baldak) iýijiler, alma gurçugy, şirejeler, bitler, güýeler we kerepli sakyrtgalar we ş.m. degişlidir. Olaryň garşysyna öz wagtynda göreş alyp barmak ýaş agaçlaryň oňat boý alyp, tiz hasyla durmagy üçin amatly şertler döredýär. Olaryň arasyndan ýurdumyzyň toprak-



*64-nji surat. Miweli baglaryň zyýanly gurçugy*

-howa şertlerinde has köp duş gelýänlerine şu aşakdaky zyýanberijiler degişlidir.

**Miweli baglaryň zyýanly gurçugy** (*Ç.eariosa Pall.*). Imagosy (enesi we atasy) tomzak görnüşde, ululygy 22-40 *sm*, gara reňkli, arkasynda ak reňkli tegmilleri bar. Liçinkasy aýaksyz, agymtyl-sarymtyl reňkde, uzynlygy 50-60 *mm*-e çenli, kellesi giňelen görnüşde. Tomzaklar maý-iýun aýynda, toprak 20°C gyzanda uçup, 100-e çenli 1,5 *mm* ululykda, agymtyl süýt reňkli ýumurtgany agajyň düýbüne–topraga, kök boýunjygyna taşlaýar (*64-nji surat*).

Ýumurtgadan çykan liçinkalar agajyň gabygynyň aşagyna girip, iýmitlenýärler, ýol ýasanýarlar, gyşlaýarlar. Ýazda (aprel) kukolka öwrülýär, maýda kukolkadan tomzak (imago) emele gelýär. 2-nji ýylda bir nesil berýär.

**Miweli baglaryň gabyk (baldak) iýijisi** (короед плодовых, *Xyleborus dispar F.)*. Imagosy (enesi we atasy) tomzajyk görnüşde, erkegi 2 mm, urkaçysy 3,5 *mm* ululykda. Liçinkasy gyzylymtyl, sarymtyl ýa-da goňur reňkde, ýaldyraýar. Zlatkalardan göwresiniň togalaklygy, kellesiniň süýnmekligi bilen tapawutlanýar. Miwesi çigitli, şänikli (üljä, erige) baglara, üzüme we başgalara degýär. Agajyň gabygynyň aşagynda gyşlaýar, ýazda şol ýerde jübütleşýär. Soňra urkaçysy daşary çykýar, gysga wagtlyk uçýar we ýene-de gabygyň aşagyna girip, baldaklaryň, şahalaryň içini iýýär we şol ýere ýumurtga taşlaýar. Ýumurtgadan çykan liçinkalar ene-atasynyň ýasan ýolunda ýaşaýar, agajyň şiresi bilen iýmitlenýär. Zyýankeş degen agaç, baldak, çybyk düwülýär, guraýar. Bir ýylda 1 nesil berýär, emma tom-

zaklar ýumurtga taşlanyndan soň ölmeýär we ikinji gezek ýumurtga taşlaýarlar.

**Uly şetdaly şirejesi** (*Pteroehloroides persieae Çhol.*). Agaçlaryň şahalaryna, baldaklaryna we pyntyklaryna degýär. Zyýankeşiň uzynlygy 4-5 *mm* bolup, göze oňat görünýär. Göwresiniň reňki çal, arkasynda hatar bolup ýerleşen gara reňkli çişjagazlary we tegmilleri bar. Olaryň sanynyň köp ýerlerinde agajyň gabygynyň aşagynda agymtyl-gant reňkli bölünip çykmalar bar. Ol ýerlerde kömelekleriň ösüp, köpelmegi üçin amatly şertler emele gelýär.

**Alma şirejesi** (*Rhopalosiphum insertum Walk.*). Alma şirejesiniň göwresi ýaşyl, kellesi ýaşylymtyl sary reňkli. Sorujy holtumy gara reňkli, silindr görnüşli bolup, ujy kiçelip gidýär. Guýrugy gara reňkli, owunjak tozanjyklary saklaýar. Şireje degen ýapraklaryň we pyntyklaryň ýokarsy mürrelip, ýygyrt atýar we düýrlenýär.

**Armyt biti** (*Taeniothrips inconsequens Usel.*). Miweli baglaryň, esasan pyntyklarynda, baldaklarynda duş gelýär. Murtjagazlary 8 bogunly, göwresi goňur ýa-da garamtyl, ganatlary garamtyl reňkli bolýar, zyýankeşiň garyn tarapynda açyk reňkli tegmilleri bar. Göwresiniň uzynlygy 1,3-1,4 *mm*. Urkaçysy 20-25 günüň dowamynda 100-e golaý ýumurtga taşlaýar. 3-5 günden ýumurtgadan liçinka çykyp, uly ýaşlylary ýaly ösümlikleriň şirelerini sorýar. Ýaş ösümlikleriň ýapraklaryny iýýärler, ösümlik ösüşden galýar, gelşiksiz görnüşe geçýär we guraýar. Guraman galan ösümlik öseriniň iýilmegi netijesinde birnäçe hasylsyz şahalaryny çykaryp, gyrymsy agaja meňzäp, çogdam bolup oturýar.

**Alma gurçugy** (*Laspeyresia pomonella L.*). Almadan başga armydyň, hozuň, beýiniň we erigiň miwelerine degýär. Gurçuk ýaşynda agajyň gabygynyň aşagynda, toprakda özüniň emele getiren pilesiniň içinde gyşlaýar. Baglar güllemezinden öň kukolka öwrülýärler, gülleýän döwründe bolsa kebelek bolup uçýarlar. Kebelekleri gije uçýarlar, güllerden miwe emele gelýän döwürde (üljäniň ululygyna çenli) ýumurtga goýup başlaýarlar. Bir ene kebelek ortaça 50-den gowrak ýumurtgany (her miwä birini) miwäniň üstüne goýýar. Ýumurtgadan çykan gurçuk miwäniň gabygyny, etli dokumalaryny iýip, içine girýär

we çigide (şänige) çenli barýar. Bir miwäni iýip, beýlekisine geçýär we ortaça 2-4 sany miwäni zaýalaýar. Zaýalanan miwe ýere gaçanda, onuň içinden gurçuk çykyp, agaja dyrmaşýar we täzeden sagdyn miwä girýär. 1 ýylda 2 nesil berýär.

**Bag kerepli sakyrtgasy** (*Sçhizotetranyçhus pruni Oud.*). Alma, beýi, garaly, alça we üzüm nahallaryna uly zyýan ýetirýär. Onuň göwresi süýnmek, tomsuna gögümtil-sary, gyşyna gyzylymtyl-sary reňkde bolýar. Sakyrtda agaç gabyklarynyň aşagynda, jaýryklarda topar bolup gyşlaýar. Mart aýynyň başynda pyntyklardan iýmitlenip başlaýarlar. Sakyrtgalar ýapragyň aşak tarapynda ýerleşip, şiresini sorýar, netijede ýapraklar saralýar we guraýar. Ýapraklary gaçan ösümlik ösüşden galýar we wagtyň geçmegi bilen guraýar. Bir urkaçy sakyrtga ortaça 50-100 sany ýumurtga goýup bilýär. Bir ýyllyň dowamynda 8-10 gezek nesil berýär. Bag kerepli sakyrtgasynyň we armyt bitiniň köpçülikleýin köpelmegine gurak, yssy howa ýardam edýär.

***Göreş çäreleri.*** Zyýankeşleriň ýüze çykmagynyň öňüni almak maksady bilen, ýokarda görkezilen çäreleri ýerine ýetirmeli. Bordos ergininiň talabalaýyk ulanylmagy keselleriň, şol sanda hem zyýankeşleriň azalmagyna we ýok edilmegine ýardam berýär. Zyýankeşler ýüze çykyp başlanda, olaryň görnüşlerine baglylykda maslahat berilýän insekto-akarisidleri bellenilen kadada we möhletde ulanmaly.

## HASYLY ÝYGNAMAK

Hasyly ýygnamagyň möhleti miweli baglaryň görnüşlerine, bişip ýetişýän möhletine, ter miwäniň ulanylyşyna baglylykda kesgitlenýär. Meselem, kişde etmek, ter görnüşinde iýmek ýa-da gaýtadan işlemek üçin niýetlenen miweler doly bişen wagtynda – 25-nji maýdan 5-nji oktýabra çenli, ýurdumyzyň demirgazyk etraplarynda bolsa 1-nji iýundan 5-nji oktýabra çenli ýygylýar. Uzak aralyga äkitmek üçin niýetlenen miweler, barýança bişer ýaly, hem öz hilini ýitirmez ýaly doly bişmänkä ýygnalýar. Almanyň we armydyň tomus ýetişýän sortlary bişmegine 5-7 gün, güýz ýetişýänleri 5-10 gün galanda ýygylýar. Miweler ýere gaçyp zaýalanmaz ýaly, ýyglanda şikes ýetirilmän, emaý bilen çeleklerde örülip goýulmalydyr.

Erigiň we şetdalynyň miwelerini irden howanyň salkyn wagty ýygmaly. Yssy wagty ýyglan miweler gaty gyzyp, tiz zaýalanýar. Ýyglan miweler sortlara bölünip, kölegede gaplara salynýar we niýetlenen ýerine ugradylýar.

Ýaş we hasyl berýän baglara ideg edilende geçirilmeli agrotehniki çäreleriň kadasy hem-de möhletleri 1-2-nji tablisalarda getirilýär.

*1-nji tablisa*

**Ýaş baglary ösdürilip ýetişdirilende geçirilmeli agrotehniki çäreleriň kadalary we möhletleri**

| T/b | Geçirilmeli agrotehniki çäreler | Kadalar | Möhletler | |
|---|---|---|---|---|
| | | | Ahal, Balkan, Mary welaýatlarynda we Lebap welaýatynyň günorta etraplarynda | Daşoguz welaýatynda we Lebap welaýatynyň demirgazyk etraplarynda |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| 1 | Sürümden öň dökün bermek | Ders – 30-40 *t/ga*, Superfosfat – 400 *kg/ga*, Karbamid – 100 *kg/ga*, Hlorly kaliý – 100 *kg/ga* | 25.10-10.11 | 01.11-05.12 |
| 2 | Haşal otlardan arassalamak | Köpýyllyk haşal otlara garşy sprut, entoglifos, sonraund ýaly gerbisidleriň birini 6-8 *l/ga* | 01-15.11 | 01.11-10.12 |



*1-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| 3 | Şüdügär sürüm geçirmek | 50-60 *sm* çuňlukda | 01-15.11 | 01.11-10.12 |
| 4 | Topragy bag oturtmak üçin taýýarlamak, tekizlemek | Atanaklaýyn | 05-20.11 | 25.02-15.03 |
| 5 | Miweli baglary oturtmak üçin çukurlary gazmak | Çyzgyt boýunça, çuňlugy 50-60 *sm*, giňligi 60-70 *sm* | 05-20.11; 25.02-30.03 | 25.02-05.04 |
| 6 | Baglaryň nahallaryny çyzgyt boýunça oturtmak | Alma: 3×1*m*, 3×2*m*,4×1*m*, 4×2*m* (pes boýly), 5×3*m*, 5×4*m*, 6×3*m*, 6×4*m* (orta boýly), 7×5*m*, 8×6*m* (ösgün boýly); armyt: 4×2*m*, 4×3*m* (pes boýly), 5×3*m*, 5×4*m* (orta boýly), 6×5*m*, 7×5*m* (ösgün boýly); erik: 8×6*m*, 6×5*m*; beýi, şetdaly, nar: 5×3*m*, 5×4*m*; garaly, alça: 5×4*m*, 6×5*m*, 6×4*m*; ülje, çereşnýa: 6×5*m*, 6×4*m*. | 10.11-05.12 25.02-30.03 | 05.03-05.04 |

*1-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| 7 | Oturdylan nahallary suwarmak | Oturdylan wagty 500-600 m³/ga | 10.11-05.12 25.02-30.03 | 05.03-05.04 |
| 8 | 1-nji yzgar suwuny bermek | 1500 *m³/ga* | 10-30.01 | 10.01-10.02 |
| 9 | 2-nji yzgar suwuny bermek | 2000 *m³/ga* | 10-28.02 | 20.02-05.03 |
| 10 | Baglary kesmek we timarlamak | Guran, döwlen, kesellän şahalary kesip aýyrmak | 15.12-20.02 | 20.02-20.03 |
| 11 | Hatararalaryny sürmek | 30-35 *sm* çuňlukda | 10.11-15.12 01.03-30.03 | 01.11-30.11 15.03-10.04 |
| 12 | 1-nji gezek azotly dökün bilen iýmitlendirmek | Ammiak selitrasy - 100-150 *kg/ga* | 01-20.05 | 05-25.05 |
| 13 | 2-nji gezek azotly dökün bilen iýmitlendirmek | Ammiak selitrasy - 150-200 *kg/ga* | 10-25.06 | 15-30.06 |
| 14 | Mör-möjeklere we kesellere garşy göreş çärelerini geçirmek | Maslahat berilýän insekto-akarisidler we fungisidler kada laýyklykda | Zyýankeşler we keseller ýüze çykanda ýa-da öňüni almak üçin | |



*1-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| 15 | Ýaş baglara ösüş döwründe suw tutmak | 8-10 gezek, 500-600 m³/ga | 01.04-02.09 | 01.05-01.09 |
| | 1-nji gezek suw tutmak | 500 m³/ga | 01.04 | 01.05 |
| | 2-nji gezek suw tutmak | 500 m³/ga | 10.05 | 10.05 |
| | 3-nji gezek suw tutmak | 500 m³/ga | 20.05 | 20.05 |
| | 4-nji gezek suw tutmak | 500 m³/ga | 10.06 | 10.06 |
| | 5-nji gezek suw tutmak | 500 m³/ga | 22.06 | 22.06 |
| | 6-njy gezek suw tutmak | 500 m³/ga | 10.07 | 10.07 |
| | 7-nji gezek suw tutmak | 500 m³/ga | 22.07 | 22.07 |
| | 8-nji gezek suw tutmak | 500 m³/ga | 08.08 | 08.08 |
| | 9-njy gezek suw tutmak | 500 m³/ga | 22.08 | 22.08 |
| | 10-njy gezek suw tutmak | 500 m³/ga | 02.09 | 01.09 |
| 16 | Hatararalaryny çizellemek | 4 gezek, 18-20 sm çuňlukda | Maý, iýun, iýul, awgust | Maý, iýun, iýul, awgust |
| 17 | Baglaryň düýbünden çykan ösüntgileri aýyrmak | Ösüntgi çykan wagtynda düýbünden aýyrmaly | 01.05-15.09 | 01.05-15.09 |

*2-nji tablisa*

**Hasyl berýän baglary ösdürilip ýetişdirilende geçirilmeli agrotehniki çäreleriň kadalary we möhletleri**

| T/b | Geçirilmeli agrotehniki çäreler | Kadalar | Möhletler | |
|---|---|---|---|---|
| | | | Ahal, Balkan, Mary welaýatlarynda we Lebap welaýatynyň günorta etraplarynda | Daşoguz welaýatynda we Lebap welaýatynyň demirgazyk etraplarynda |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| 1 | Sürümden öň dökün bermek | 3-4 ýyldan 1 gezek, ders - 30-40 *t/ga*, her ýylda Superfosfat - 600 kg/ga (400 *kg/ga* - güýzde, 200 *kg/ga* - ýazda sürümiň aşagyna), Karbamid - 125 *kg/ga*; hlorly Kaliý - 100 *kg/ga* (ýazky sürümiň aşagyna) | 05.11-10.12<br>01.03-30.03 | 01.11-05.12<br>15.03-10.04 |



*2-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| 2 | Hatararalaryny sürmek | 30-35 *sm* çuňlukda, 2 gezek: ýazda we güýzde | 10.11-15.12<br>01.03-30.03 | 01.11-30.11<br>15.03-10.04 |
| 3 | Haşal otlardan arassalamak | Köpýyllyk haşal otlara garşy sprut, entoglifos, sonraund ýaly gerbisidleriň birini ulanmak, 6-8 *l/ga* | 01-15.11 | 01.11-10.12 |
| 4 | Baglary kesmek we timarlamak | Agaçlaryň ýagdaýyna baglylykda ýeňil we düýpli kesim geçirmek | 15.12-20.02 | 20.02-20.03 |
| 5 | 1-nji yzgar suwuny bermek | 1500 *kg/ga* | 10-30.01 | 10.01-10.02 |
| 6 | 2-nji yzgar suwuny bermek | 2000 *kg/ga* | 10-28.02 | 20.02-05.03 |
| 7 | Topragy ýumşatmak | 18-20 *sm* çuňlukda | Aprel-iýul | Maý-iýul |

*2-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| 8 | 1-nji gezek azotly dökün bilen iýmitlendirmek | Ammiak selitrasy - 180-200 *kg/ga* | 01-20.05 | 05-25.05 |
| 9 | 2-nji gezek azotly dökün bilen iýmitlendirmek | Ammiak selitrasy - 180-200 *kg/ga* | 10-25.06 | 15-30.06 |
| 10 | Mör-möjeklere we kesellere garşy göreş çärelerini geçirmek | Maslahat berilýän insekto-akarisidler we fungisidler kada laýyklykda | Zyýankeşler we keseller ýüze çykanda ýa-da öňüni almak üçin | |
| 11 | Hasyl berýän baglara ösüş döwründe suw tutmak | 5-6 gezek, 800-900 $m^3$/ga | 05.05-30.08 | 25.05-30.08 |
| | 1-nji gezek suw tutmak | 900 $m^3$/ga | 05.05 | 25.05 |
| | 2-nji gezek suw tutmak | 900 $m^3$/ga | 05.06 | 25.06 |
| | 3-nji gezek suw tutmak | 900 $m^3$/ga | 01.07 | 15.07 |
| | 4-nji gezek suw tutmak | 900 $m^3$/ga | 20.07 | 25.07 |
| | 5-nji gezek suw tutmak | 900 $m^3$/ga | 15.08 | 15.08 |
| | 6-njy gezek suw tutmak | 900 $m^3$/ga | 30.08 | 30.08 |
| 12 | Hatarararalaryny çizellemek | 4 gezek,18-20 *sm* çuňlukda | 25.05-10.09 | 01.06-01.09 |
| 13 | Baglaryň düýbünden, kökünden çykan ösüntgileri aýyrmak | Ösüntgi çykan wagtynda aýyrmak | 01.05-15.09 | 01.05-15.09 |
| 14 | Hasyly ýygnamak | Bişişine baglylykda el güýji bilen | 25.05-05.10 | 01.06-05.10 |

# MAZMUNY


Giriş ... 7

Çigitli miweli baglaryň sortlary ... 9

Almanyň sortlarynyň häsiýetnamasy ... 9

Armydyň sortlarynyň häsiýetnamasy ... 20

Beýiniň sortlarynyň häsiýetnamasy ... 27

Şänikli miweli baglaryň sortlary ... 33

Erigiň sortlarynyň häsiýetnamasy ... 33

Şetdalynyň sortlarynyň häsiýetnamasy ... 43

Garalynyň sortlarynyň häsiýetnamasy ... 47

Alçanyň sortlarynyň häsiýetnamasy ... 55

Üljäniň sortlarynyň häsiýetnamasy ... 60

Çereşnýanyň sortlarynyň häsiýetnamasy ... 62

Miweli baglary ösdürip ýetişdirmegiň agrotehnikasy ... 64

Miweli baglary ösdürip ýetişdirmek üçin maslahat berilýän sortlary ... 66

Miweli baglarda duş gelýän esasy keseller we zyýankeşler ... 71

Hasyly ýygnamak ... 79

**TÜRKMENISTANYŇ OBA HOJALYK
WE DAŞKY GURŞAWY GORAMAK MINISTRLIGI**

**S.A.NYÝAZOW ADYNDAKY
TÜRKMEN OBA HOJALYK UNIWERSITETI**

**TÜRKMEN OBA HOJALYK INSTITUTY**

**OBA HOJALYK YLMY-ÖNÜMÇILIK MERKEZI**

# MIWELI BAGLARY ÖSDÜRIP ÝETIŞDIRMEK BOÝUNÇA

# GOLLANMA

**Düzüjiler:** U. Kerimowa, A. Gapurow, K. Mämmetgulow, L. Ahmedowa, B. Abdullaýew, A. Ataýewa

**Jogapkär redaktor:** A. Ýollybaýew

Redaktor *Ş. Myratgulyýewa*
Surat redaktory *O. Çerkezowa*
Teh.redaktor *O. Nurýagdyýewa*
Kompýuter bezegi *G. Orazowa*

A – 105963

Çap etmäge rugsat edildi .2021. Ölçegi 60x84$^{1}/_{16}$.
Şertli çap listi . Şertli reňkli ottiski .
Hasap-neşir listi . Çap listi 5,5. Sargyt № 386. Sany 1000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G.Gulyýew) köçe, 51/1.